# Aýuw

## /kinopowest/

Aýuw hakyndaky kä gorkunç, kä diýseň gülkünç gürrüňleriň döremegine sebäp bolýanlar esasan “Köwli” obasynyň adamlarydy. “Arada Köwli oba Aýuw gelipdir”, “Hol gün Köwli obadan birini Aýuw alyp gitjek bolupdyr”, “Köwli obadan pylany Mergene awdaka Aýuw duşupdyr” diýen ýaly gürrüňleriň arasy kesilenokdy. Esasanam şol obadan ir döwür Aýuw tarapyndan alnyp gidilen adamlar hakdaky gürrüňler ýörgünlidi. Aýdyjylar hatda şol adamlaryň kim-kimleriň ata-babalarydygyna çenli, wakanyň haçanlar bolup geçendigine çenli jikme-jik gürrüň berýärdiler. Özem Aýuw diýlen zat adamzat bilen çörňeşmese biri-birinden önüp-ösmeýärmişin. Şonuň üçinem olaryň erkegi gyz-gelini, urkaçysy bolsa erkek adamy alyp gidýärmişin.

Mysal üçin bir gezek Köwli obadan Mamuna hala diýen bir aýaly erkek Aýuw alyp gidipdir-de, özüne aýal edinipdir. Ýaşaşyp ugransoňam: “Egerde ogul dogrup berseň öýüňize goýberjek, bolmasada ömürboýy saklajak”, diýipdir. Mamuna hala-da nätsin, allany çagyrypdyr-da, aýynyň-gününiň dolaryna garaşyberipdir. Wagty ýetip çaga dogrupdyram welin, görse gyz diýýä. “Wah, gara bagtym!” diýip, Mamuna hala aýasy bilen maňlaýyna ýelmäpdir. Hern-ä şol wagt Aýuw gowakda ýok ekeni. Il-güne gowuşmak, maşgalasynyň arasyna barmak höwesi Mamuna halany hilegärlige ýüz urmaga mejbur edipdir. Ol: “Aý bu bir sada işigaýdandyr, bilibem durasy ýok-la” diýipdir-de mumyýadan erkek oglanyň jüllügini ýasap gyzyň uýat ýerjagazyna goýupdyr. Eteginden sähelçe ýyrtyp alypdyr-da, biliner-bilinmez daňypdyr. Aýuw gelendenem: “Gözüň aýdyň, ogluň boldy, indi meni öýümize goýberäýseňem bor”, diýipdir. Aýuw diýseň begenipdir. Sözünde durjakdygynam aýdypdyr. Soňundanam: ýöne çaga birneme özüni tutýança gowuja seret, emdir, onsoň gidiber, diýipdir. Mamuna hala-da içinden: “Häý, görýän welin sen gaty bir sada-da däl ýaly-la” diýipdir. Ýöne, onuň aýdanlary bilen  ylalaşmaly bolupdyr. Gyzdygyny bildirmejek bolup telim wagtlap çagany Aýuwyň elinede bermändir. Ahyram çaga ony-muny garbanmaga, emedeklemäge ýaransoň, Aýuw Mamuna hala hakykatdanam rugsat beripdir. Aýuw syrymy biler-de yzymdan kowalar diýen gorky bilen Mamuna hala dynman ýol ýöräpdir. Ölümiň öýünde özüni oba atypdyr. Edil göwnüne getirişi ýaly, baran gijesi eýýäm obanyň çetinden Aýuwyň sesi eşidilip ugrapdyr. “Aýu-u-uw-w, Mamuna hal-u-uw-w, oglanyň jüllügi han-u-uw!” Mamuna hala bolsa oba gelşi ýaly erbet syrkawlapdyr-da, o wagt eýýäm ýanar oduň içinde samrap ýatan ekeni. Aýuwam bir gün gygyrypdyr, iki gün gygyrypdyr, ahyram özünden-özi bizar bolup gidipdir. Ol ýuwaşragy ekeni. Umuman olaryň erkegi ýuwaşrak, urkaçysy şermenderäk bolýarmyşyn.

Ana, şolar ýaly şermende urkaçy Aýuwlar hakdaky gürrüňlerem Köwli obasynda azlyk edenok. Şol gürrüňleriň biri awçy Ýoldaş Hemra bilen baglanyşykly.

Günlerde bir gün Ýoldaş Hemra awdan gelýärkä öňünden urkaçy Aýuw çykypdyr-da, sen-men ýok, ony gowagyna tarap alyp gidiberipdir. Ýoldaş Hemrada oňa aňsat el bererli-hä däl ekeni  welin, arman, awda-da bars bilen urşan ekeni-de, bir eli ýaradar ekeni.  Üstesine-de ýadaw, näçe günüň ukysyzlygy. Garasaý bolmandyr-da! Ine, onsoň Aýuw Ýoldaş Hemrany gowagyna eltip: “Sen maňa är bol, ýogsam

duran ýeriňde öldürin” diýipdir. Bir ýyl geçip-geçmänkä-de ogullary bolupdyr. Şondan soň Aýuwyň ýüregi ýumşapdyrmy ýa Ýoldaş Hemranyň iňirdisine çydamandyrmy, garaz, ony öýüne görme-görşe iberipdir. “Ýöne gelgin, gelmeseň barybir ýene-de baryp alyp gaýdaryn” diýip öwran-öwran sargapdyr. Ýoldaş Hemra-da öýüne baransoň obanyň batyrlaryny ýygnapdyr-da: “Gowusy özüňiz öldüriň, ýöne, meni indi bir şoň eline berip goýbermäň” diýipdir. Özem ömründe etmedigini edip aglapdyr. Batyrlaram: “Bolşuň nähili Ýoldaş, hiý bizem bir seni Aýuwyň eline berip goýbärismi, öňem ät galdyk” diýşip öňe-öňe omzaşypdyrlar.

Ýoldaş Hemra barar wagty barmansoň, Aýuw hakykatdanam dagdan inipdir. Tüm garaňky gijeleriň birinde obanyň çetine gelipdir-de: “Aýuw-u-uw, Ýoldaş-u-uw, ýör-u-u-uw” diýip tä daňdana çenli gygyrypdyr. Obanyň batyrlary, işekçer jahyllary ujuna ýanyp duran ýagly letdeler daňylgy taýaklaryny gollarynda galgadyşyp çar tarapa her näçe ylgaşsalaram Aýuwy ele salyp bilmändirler. Ele salmak däl, asly garasynam görübilmändirler. Jeňňeliň ep-esli ýerini otlabam görüpdirler. Sesiň çykýan ýerine bäş-üç mergen bolup bilelikde atypdyrlaram. Bolanok diýýä. Ind-ä agzy gum garbandyr şuň diýip diňşirgenýäň welin, sesi oslamadyk tarapyňdan çykaýýar diýýä. Soň bir gije gaýtam Aýuw çagasynam alyp geläýipdir. Özem indi: “Aýu-u-u-uw, Ýoldaş-u-u-uw, amanadyňy al-u-u-uw” diýip gygyrýarmyşyn. Çaga-da sesiniň ýetdiginden aglaýarmyşyn. Telim günläp Köwli oba ýatuw bolmandyr. Ahyram bolmajagyny bilensoň, Aýuw Ýoldaş Hemranyň bosagasynda peýda bolupdyr-da: “Haý, Ýoldaş, oňarmadyň, ýüregimde dag goýduň, ýöne saňa gerek-gä bolsa maňa-da gerek-gä, me, paýyňy al ýarysy saňa, ýarysy maňa” diýipdir-de, her eli bilen bir satanyndan tutup, bir çekende çaganyň çatyny aýrypdyr. Dikligine deň ikä bölüpdir. Ýarysyny Ýoldaş Hemranyň gapysyna taşlapdyr, ýarysynam egnine atypdyr-da, dabanlarynyň düňküldisi bilen dünýäni sarsdyryp ötägidipdir. Şondan soň obada onuň sesi eşidilmändir. O hakda: “Bagyr awusyna döz gelibilmän sowuk ýerde syryljyrap ölendir”, “Ýoldaş Hemra gahar edip özüni gaýadan oklandyr” diýen ýaly gürrüňler ýaýrapdyr. “Aýuwyň ähli tohmy tükenen bolaýmasa, diýip çaklanlaram, “Aý bardyr-la, wagty bolanda bir ýerden gara berer-le” diýenlerem bolupdyr. Agyzlyrak heleýleriň arasynda: oýunmy-çyn bilen: “Ýoldaş Hemradan soň obada erkek göbekliniň gutaranyny bilendir olar, şoň üçin gelýän däldirler” diýenlerem tapylypdyr. O sözi obanyň batyrlary ýokuş görüpdirler. “Onda erkegi geläýmeli ekeni-dä diýşip dişlerini gyjaşypdyrlar. Aýuwa sataşmak üçin daga, düze, jeňňele ýörite ýatymlyk gidipdirler. Çünki, Aýuw adamyň ýanyna ýeke bir höwür gözläp däl, jeň gözläbem gelläýýärmişin. Özüniňem gözlegi mergen, awçy, pälwan, batyr adamlarmyşyn. Çölde-gyrda şolar ýalynyň birine duşsa dagy: “Bir güýç synanyşaly-la, halys bagrym gijäp alyp barýa” diýip, tä oba girýänçä gapdalyndan galanokmyşyn. Ýöne, olaryňam gorkagraklary bolýarmyşyn. Şolar ýalysy duşsa welin ýanyňa gelibilmän şo-ol, sesýetim ýerden: “Aýuw-u-uw, pylany-u-uw...” diýip daň atýança adyny tutup ýürege-bagra düşýärmişin. Asyl olara Aýuw adam şondan galanmyşyn.

Howwa, Köwli obanyň Aýuw hakdaky gürrüňlerini sanap tükederden kän, ýöne gözüm bilen gördüm diýýän welin ýok. Onuň näsypatdadygynam takyk aýdybilýän ýok.

Ýogsa-da, Aýuwly gürrüň nämüçin ala-böle Köwli obadan çykýarka?

Bu düşnükli zat. Köwli oba köwüň gyrasynda ýerleşýär. Köwüň içi bolsa oý. Oýuň içi ýylgynlyk, gamyşlyk. Aňryk geçiberseň gür-gümme toraňňylyk. Jeňňel. Ondan aňyrsy derýa. Derýanyň boýuny syryp jeňňeliň içi bilen ýokarlygyna ýöräberseňem göni daga barýaň. Dagam näme, Aýuwyň mekany. Ýeri, onsoň şol Aýuw diýýän belalary aňrujy bar bolsa, özem hökman wagt-wagt adamlaryň arasyna gelip-gitmeli bolsa, onda onuň üçin şondan amatly oba bolup bilermi? Bolup bilmez! Şondan başga oba Aýuw gelipdir diýseň asyl hiç kim ynanmazam. Haku- nähak Aýuwly gürrüňleriň hut, Köwli obadan çykmagam, ana, şol zatlar bilen bagly bolmaly.

Aýuw hakdaky gürrüňleri Köwlilileriň içinde iň köp bilýänem, iň köp aýdýanam Elmaýyş ene. Segsene ser urandygyna, ýaşlykda ýetim galan agtyklary Atamgyzydyr, Jahangiri ýeke özüniň gol zähmeti bilen ekläp-saklandygyna garamazdan garry entegem daýaw. Hamyram ýugryberýär, nanam ýapyberýär, içerini kakyşdyryp, nahar-şoram ediberýär. Agşamlaryna bolsa indi birkemsiz kemala gelen agtyklaryna, henizem şo-ol, çaga döwürlerindäki ýaly, täsin-täsin hekaýatlaryndan aýdyp berýär. Her gezegem Atamgyzy ondan, Aýuwyň haýsy keşpdäki mahlukdygyny soraýar. Olam çalarak eginlerini gysýar-da endigi boýunça “kih-kih” gülüp: “Näbileýin-dä, gyzym. Öz-ä adamdan azanmyşyn olam-a. Keşbem adamyňky ýalymyşyn. Asyl oba gelende-de höwür gözläp, adamzady göwni küýsäp gelýämişin – diýýär. – Ýöne, nätsin-dä, ogurlamasa ýa zor bilen äkitmese, kim oňa eli bilen ogul ýa gyz berip goýberjek...” Atamgyzy ýene-de Aýuwy göz öňüne getirjek bolup dyrjaşýar. Ony durşuna tüý edip göz öňüne getirse-hä adama däl-de maýmyna ýa goňur aýa meňzeýär, tüýsüz, adam sypatynda göz öňüne getirse-de, eşiksiz zatsyz birhili bisyrat bolup dur. Eşik geýdirseňem onda: eşigi nireden alypdyr diýen sorag ýüze çykjak. Onsoňam Aýuw geplemäni nireden öwrendikä? Onda-da hut, türkmençe geplemäni. Ýa her halkyň öz Aýuwy barmyka? Ol äteňenälet ine, birden, köwüň o gyrasynda ýaşaýan Jelil aga ýa-da onuň aýaly Patma daýza duşaýsa dagy haýsy dilde gygyrjakka? Parsyça gygyrjakmyka ýa türkmençe? Atamgyzy enesine ine, şu hili soraglaram berip görýär. Ýöne, belli jogap alyp bilenok.

Görüp otursa asyl enesem öz gezeginde enesiniň enesinden eşidipdirmi, garaz, o gürrüňler ilki kimden çykandygy, haçan dörändigi belli däl. Şu zatlardan çen tutan çagy Atamgyzyň Aýuw diýlen zadyň bardygyna-da ynanasy gelenok. Ýöne, nätjek, gürrüň bir özüne çekiji, süýjüje zat bolýa. Diňläniň bilenem ýitirýän zadyň ýok. Onda-da her gije öz öýüňde, baýaminnet aýdylyp oturylan bolsa. Şonuň üçinem Atamgyzyň berýän soraglarynyň yzy üzülenok.

—Enä-ä...

—Hä-ä?

—Aýuw gije gelýämikä, gündiz?

—Aýduwlaryna görä-hä gije gelýän bolmaly.

—Gyş gijesi gelýämikä ýa ýaz gijesi?

—Ýaz ýa tomus gijeleri gelýän bolaýmasa. Sebäbi gyş gijeleri sowuk bor. Ol gowagyndan çykybilmez.

—Şu günler geläýmegi ahmal-da onda?

—Ahmal. Ýöne soňky döwürler-hä geldi sesi eşidilenik.

—Sen aklyňy bilip gelen gezegi boldumy?

—Gelenin-ä göremok, ýöne diýdurlaryn-ä eşidýän.

—Enä-ä...

—Hä?

—Ol adyny gygyrýan adamsynyň adyny nireden bilýäkä?

—Ony bilmese Aýuw bormy ol, gyzym. Onsoňam ol entek gelmänkä bar zadyň anygyna ýetip onsoň gelýär-ä...

—Oba gelmänkä nädip anygyna ýetýäkä?

Garry “kih-kih” gülýär.

—Onçasyny ine, indiki gezek gelende özünden soraýarys, gyzym...

Atamgyzyň dodajyklary titreýär. Enesiniň jogaplaryndan kanagatlanmadygy bildirýär. Ýöne, sesini çykaranok.

...Elmaýyş ene ine, bu gije-de “döw çykan” agtyklaryna erteki otaryp berip otyr. Ortarada ullakan ojak gübürdäp dur. Oduň gyrasynda mis kündük, “lykyr-lykyr” gaýnap dur. Ojaga golaý ýazylan ojakbaşynyň üstünde Jahangir çaý içip otyr. Ol käte bir ojaga odunjagaz oklap goýberýär. Gapdalynda tikilip gutarylmadyk ak telpek ýatyr. Çaýdan boldugy ol şony eline almaly. Şu gije tikip gutarmaly. Çünki, ertir ol şony geýip daga, duz getirmäne gitmeli. Umuman ol hünärli, edenli ýigit. Çokaý, ädik, telpek tikmekden başga atşynaslykdanam başy çykýar. Pälwançylygam ediberýär. Sypyndygam deň-duşlary bilen daga gidip duz getirýär. Küren obany duz bilen üpjün edýär. Häsiýeti boýunça ýagşy ýigit hökmünde tanalýar. Hut şonuň üçinem Elmaýyş ene söz aýdyp baran ilkinji gapysyndan “gurt” bolup gaýtdy. Toýuň sähedinem belledi. Ondan soň gezek Atamgyza ýetýär. O-da indi obanyň göze görnen gyzlarynyň biri. Ýaňy on alty ýaşynyň dolandygyna, göwresiniň çepiksijedigine garamazdan, dokan halylarynyň, matalarynyň, ýaka salan nagyşlarynyň dabarasy dag aşdy. Ýüň boýap keçe güllemekde-de, bilegini çyzgap basmakda-da gelin-gyzlaryň hiç birinden pes oturanok. Hut şu wagtam enesiniň birsydyrgan çykýan güňleç “gümürdisine” gulak asyp oturşyna tahýa biçip otyr. Biçip bolansoň ony oduň ýagtysyna köklär-de, gündizlikde-de keşdelär. Onam...Ýeri, bolýa-da, - dile geldi, bile geldi – diýipdirler, onam Jahangiriň dosty, gurban baýram günleri hiňňillik uçulanda, gadyr gijeleri gyzlar bilen toplum bolup gezilende, özünden gözüni aýryp bilmeýän Gerçek atly ýigide berer. Ol ikisiniň arasyndaky pynhan syry Gerçegiň jigisi Hasperiden başga bilýän ýok. Asyl, Gerçekden ilki “salam” getirenem şol. Hasperi. Hasperiniň birden-kä Atamgyzy bilen jora bolup oturyberşinden Elmaýyş eneniň bir zatlar aňan bolmagy mümkin, ýöne syr bildirenok. Sesini çykaranok. Ýogsa-da nämüçin çykarsyn? Haýsy ene öz oglunyň ýa gyzynyň bagtly bolmagyny islemeýär? Gerçeklerem gowy ýer. Atasy, enesem ili-güni agyzlaryna bakdyrybilýän abraýly adamlar. Jahangir üçin baran ýerem şolar ýaly. Gyzyň atasyna Atakişi diýerdiler. Ony Elmaýyş ene gowy tanaýardy. Diýseň dogumly adamdy. Elmaýyş enäniň adamsy Zamanyň iň ýakyn dostudy. Hut şonuň üçinem onuň ruhy şat bolan bolsa gerek, guda bolup gelen gününiň agşamsy Elmaýyş enäniň düýşüne girip: “Şun-a oňardyň, Elmaýyş. Garyndaşlygy täzelediň. Zaman ikimiziň ýürek bagymyzy üzmediň. Gaýtam öňküdenem berkitdiň. Bizem ine, bu ýerde bolan işe begenip otyrys, oň bol-a...” diýdi. Elmaýyş ene siňe seretse onuň gapdalynda Zamanam barmyşyn. Ikisiniňem egninde ak don. Şemalyň ugruna galgap duran donlaryň syýy birdenem ganata öwrülýärmişin-de olaryň ikisem edil, ak kepderiler kimin asmana

göterilip gidiberýärlermişin. Şondan soň Elmaýyş enäniň öz eden işinden göwni hoş boldy.

Elmaýyş enäniň öýjagazy edil köwüň gyrasynda seleňläp otyr. Garaňky gijeler daş çykaga-da gapdalyndan syn etseň öý kert gaýanyň ýüzünde ýerleşen höwürtgä meňzeýär. Şonuň üçin oba adamlary oňa: Elmaýyş enäniň höwürtgesi, diýýärler. Ol öý bir seretseň dagyň depesine gonup, indem sähelçe gondalaw tapsa uçjak bolup oturan bürgüde-de meňzäp dur.

... Jahangir tikip oturan telpegini boldum edip gap böwre geçdi. Gyşardy.

—Ene, ertir meni irräk turuz, biz ir gitmeli edişdik – diýip, eşidiler-eşidilmez hüňürdedi. Derrewwem uka gitdi.

Atamgyzyň ondan: nirä gidýäňiz , diýip sorasy geldi. Birdenem öten agşam Gerçegiň: Birigün agaň bilen daga, duz getirmäge gidýäs, diýeni ýadyna düşdi-de, "...wiý..hä şeýledirow", diýip, içini gepletdi. Dodagyny dişläp süýjümtik ýylgyrdy.

Jahangiriň ýatmazdan öň ojaga oklan odunlary henizem ýanyp dur.

Ondan-mundan itleriň sesi eşidilýär.

Ahyrsoňy Atamgyzyňam ukusy tutup başlady. Muny duýan garry edip oturan gürrüňini goýdy-da, gyzynyň süzgekläp duran gözlerine seredip:

—Uky gelýä hatar-hatar, nirde bigaýraty tapar, - diýdi. Özem agzyny giňden açyp pallady. – Dogrudanam ýataly, gyzym. Gije bir çene barandyr.

Enesi düşek ýazýança Atangyzy daş çykdy. Çykyşy ýalam köw tarapdan iniňi düýrükdiriji edrenç bir gorkunç ses eşidildi.

—Aýu-u-u-uw-w!!!..

Atamgyzy: "wä-ä-ä!!!" diýdi-de, kürsäp öýe girdi. Bir bökende özüni enesiniň gujagyna oklady. Elmaýyş ene gyzyny bagryna basyp durşuna daşaryk diň saldy.

—Näm boldy, gyzym? Nämeden gorkduň?

Atangyzyň dişleri şakyrdady.

—Aý...Aý...Aýuw gygyrdy...

—Aýuw?

—H..How...Howwa...

—Goýsana , gyz!...

—Çynym, ene. Hut öz gulagym bilen eşitdim.

—Men-ä hiç zat eşidemok.

—Sen eşitmeseňem men eşitdim. Hakyt gygyrdy.

—Näme diýip gygyrdy?

—Aýuw, diýip gygyrdy.

—Adyňam tutdumy?

—Ýok, adym-a tutmady. Ýöne, "Aýuw" diýip gygyrdy.

Elmaýyş ene ýakasyna tüýkürdi.

—Estagpuralla, estagpuralla... Oýun-oýun bilen çyna ýazyp barýar-ow büý-ä...

Oňa çenli Jahnagirem oýandy. Tirsegine galdy. Töweregine garanjaklady.

—Näm boldy-aý?..

Henizem enesiniň goltugyna gysylyp oturan Atangyzy gözlerini tegeläp elini daşaryk uzatdy.

—Aýuw gygyrdy.

—Ýak, sizem-ä! – diýdi-de, Jahangir silkinip ýerinden galdy. Donuny ýelbegeý atynyp gapa tarap ýöneldi. Çykjak wagty gaňrylyp enesine seretdi. – Şo gürrüňiňi goý, gorkuzarsyň sen şuny diýip men saňa näçe gezek aýtdym.

Şondan soň ol öýden çykdy, gerinjiredi. Gara mahmal deý ýumşak asmanyň ýüzündäki lowurdaşýan ýyldyzlary synlady. Çukur-çukur dem alyp öýkenini arassalady. Soň ýapyrylyp, köwüň üstiaşyry alysdaky jeňňele ser saldy. Derýanyň "güwwüldisini" diňledi. Bir ýerden topar-topar bolup uruşýan itleriň sesi geldi. Sesleriň kä daşlaşyp, kä golaýlaşýandygyndan çen tutup, Jahangir olaryň özara gaça uruş edýändiklerini çaklady. Soň ýene-de aňry ýöredi. Özüne tarap "horguryp" duran atynyň ýanyna bardy. Arkasyny sypalady. Boýnuna kakdy. Otuny täzeledi. Ýalyna çolaşan çöp-çalamlary aýryşdyrybam köwden aşak indi. Uçguryny çözläp barşyna bir küde ýandagyň aňyrsyna duwlandy. Uzak eglenmänem çykdy. Ýyrmaşyp gelşine uçguryny daňdy. Gapynyň agzynda garalyp duran ommuk kündükden suw akydyp elini ýuwdy. Ýene-de itleriň sesine diň saldy. Öz iti Akbaýy gözledi. Adyny tutubam gygyrdy. Emma Akbaý görünmedi.

Şondan soň ol öýe girdi. Aýagyna gowallaň sokan çokaýyny çykaryp durşuna öz-özi hüňňürdedi.

—Hiç zat ýok ýerden başga düşüp oturmaňda ýatyň indi sizem. – Ol telpegini başyndan aýryp, tärime berkidilgi şahadan asdy. Ýerine geçdi. Ýatdy. Donuny üstüne atyp, syýnyny ýüzüne ýapdy. Aňyrsyna öwrüldi. – Aýuw, Aýuw diýselerem henize çenli gören-ä ýok şony. Sizem zordan görjek bolup oturmaň...

—Waý-e-eý, çagadyr-da, jan oglum, itiň sesinden dagy gorkandyr-da... – diýip, Elmaýyş ene ogluna nägilelik bildirdi. – Itiňem päliazany uwlaýar-a käte, şolar ýaly. Kim bilýä, ýa köwüň içindäki şagallaryň sesimi ol...

Gorkany çyn bolsa gerek, ýorgana girensoňlar Atangyzy enesine hasam gysmyljyrady. Onuň ýumşak göwüslerine maňlaýyny goýup gözlerini ýumdy. Elmaýyş ene welin ömür boýy werziş eden endiginden şu iki arada hem el çekip bilmedi. Eýýäm haçan hor çekip ugran ogluna degişli edip:

—Aýuw hakda gürlemese Köwliniň güni geçýämi, - diýdi. Yzyndanam ýuwaşja güldi. Kükregine gysylyp "hys-ys" edip ýatan gyzynyň entek uklamandygyny bilibem: - Çynam bolsa, ýalanam bolsa şo gürrüňleriň içinde şu gezip ýören adamlara sapak borlygam ýok däl, - diýdi-de, Aýuw hakdaky başga bir hekaýata başlady...

Ýap-ýaňyja erbet gorkandygyna, öňem telim gezek eşidendigine garamazdan Atamgyzy enesiniň ol hekaýatynam üns berip diňledi. Bar zat edil gündizlikdäki ýaly göz öňünde janlandy. Hatda Aýuwyň aýak sesem eşidilen ýaly boldy. Şonuň üçinem ol ýorganyny ýokarrak çekip iki gözünden galan ýerini örtdi. Hamala Aýuw şol ýerden böküp giräýjek ýaly tüýnüge, birem şemalyň badyna zülpesi "şykyrt-şykyrt" edip duran gapa gyýa-gyýa seretdi. Enesiniň birsydyrgyn çykýan güňleç sesiniň arasy bilen gijäniň ümsümligine diň saldy. Soňabaka uky basmarlap ugrady. Bir ymyzgandy, bir oýandy, wakalaryň arasy bir üzüldi, bir sepleşdi. Birdenem uzakly gijäniň şirin ukusy goýazy, süýjümtik humara öwrüldi-de, bir bölek duman dek sozulyp tüýnükden girdi, tärimiň ýüzüni sypalap öýüň içinde iküç ýola öwrüm etdi. Göz açyp ýumasy salym Atamgyzyň üstünde pel-pelläp durdy-da, maňlaýynyň üstündäki buldurapjyk duran derlere siňdi. Şol derleriň çykan deşijekleriniň arasy

bilenem kelleçanagyň içine girdi we heniz doly bekäp ýetişmedik ýaş beýniniň daşyna çal perde bolup çolandy.

...Ertesi Atangyzy giç oýandy. Gün guşluk boluberende gözüni açalak-ýumalak edip daş çykdy. Ýüzüni gamaşdyryp güne seretdi. Günüň ýylymsy şöhlesi tenine hoş ýakdy. Dünýe gözüne öňkülerindenem has owadan göründi. Ol assa ýöräp işikdäki ýylgyn öwürtmegiň içinde hamyr ýugrup oturan enesiniň ýanyna bardy. Çommaldy. Elmaýyş ene gyzynyň ýüzüne çiňňerildi.

—Turduňmy, gyzym?

—Hm-m..Jahangir gitdimi?

—Ýok. Enteg-ä gidenok. Ýatakda atyny eýerläp dur.

Atamgyzy gapdalda duran ommuk kündügi alyp gitdi-de, aňyrrak baryp elini-ýüzüni ýuwdy. Agzyny çaýkady. Aýajyklaryna suw akytdy. Tä, guraýança ýüzüni şemala tutup oturdy. Soň kündügi getirip öňki ýerinde goýdy. Elmaýyş ene öwütrmegiň kölegesinde basyrylgy duran çäýnege, saçaga tarap ümledi. Atamgyzy içerden köneräk kilim alyp çykdy-da, enesiniň görkezen ýerine ýazdy. Ornaşdy. Çäýnegi özüne çekip käsesine çaý guýdy. Içine saryýag atdy. Nan dogrady. Işdä bilen iýdi. Oňa çenli enesem hamyryny ýugrup boldy. Kersene gapgardy. Dolady. Üstüni basyrdy. Boldum edibem gyzyndan bir käse çaý diledi. Hemişe ýumuş buýurjak wagty edişi ýaly:

—Mähek gyzym, mähejik gyzym, işe ýaran gyzym... – diýip söýündi. Elini uzadyp, usullyk bilen arkasyna kakdy. Başyny sypalady. – Çaýyňy içip bolansoň tamdyr towulyk çöplemejik çöpläp gel, gyzym.

Atamgyzy:

—Hoş, - diýdi-de, häliden bäri özüne seredip ýatan Akbaýa bakyp ýylgyrdy. Akabaý ýerinden turup gerindi. Atamgyzyň gapdalyna gelip temegi bilen ýüzüni ysgady. Süýkendi. Guýrugyny bulaýlady. Gyz itiň arka boýnuny sypalady.

Şol wagt Jahangir atýatakdan atyny idip çykdy. Çykyşy ýalam atlandy. Bakyda duran mes at dogumyna bäs gelibilmän, duran ýerinde telim gezek aýlandy. Çarpaýa galdy. Kişňedi. Aýaklary bilen ýer gazady. Burnuny parryldatdy.

Jahangir atyny debsiläp gapynyň agzyna geldi.

—Bolýa onda sag oturyň!

Elmaýyş ene allaniçiksi boldy.

—Hä! Näme nan bişere durjak dälmi? Çaý –suw içjek dälmi?

—Ýok ene, men eglenmäýin. Onsuzam gijä galypdyryn. Oglanlar garaşyp durandyrlar.

Horjunyňa iýer-içer ýaly zatlara salyşdyrdym.

—Bilýän.

—Onda daşragam bolsa geçen gezekki getiren duzuňyzdan getirjek boluň. Öňküleriňizden şol gowy ekeni. Iri. Arassa.

—Bor, Ene...

Elmaýyş ene ellerini ýere diräp ýerinden galdy.

—Sag aman bar onda, oglum!

—Sag bol, ene...

Atangyzyň gözleri çygjardy. Bokurdagy doldy.

—Sag bol, dogan!

—Sag bol, jigim!

Her gezek aýdyp-aýdyp endik eden sargydyny aýtmaklygy Elmaýyş ene bu gezegem ýadyndan çykarmady.

—Gidişin-u-gaýdyşyn “şor kölüň” üstünden geçäýmäň! Bomy?

Jahangir ýene bir gezek:

—Bor ene! – diýdi-de, atynyň başyny daga tarap öwürdi.

Atamgyzy agasy gözden ýitýänçä yzyndan seredip oturdy. Obadan çykyberende Jahangiriň ýanyna ýene-de iki atly goşuldy. Olaryň biriniň Gerçekdigini Atamgyzy atyndan tanady. Üçünjini tanap bilmedi. Şondan soň uludan demini aldy-da, enesine ýüzlendi.

—”Şor kölde” nähili bela bar-a ene?

—”Şor köl” eýelimişin gyzym. Duşundan geçseňem kakaýýamyşyn.

—Aky dälinem şol kakypmy?

—Howwa.

—Haçanrak kakypdyr?

—Ir döwür.

—Daşmy ol?

—Şor kölmi?

—Howwa.

—Diýdurlaryna görä iki ýatymlyk dagy bamyşyn.

—Jahangir dagyň ýoly näçe ýatymlyk?

—Bulaňkam şonçarak bardyr.

—Onda bular bir şol ýerden geçmäbilse ýagşydyr.

—Geçesleri ýok. —Elmaýyş ene azajyk böwrüni diňläp oturdy. Birdenem kesgitli gürledi. – Aý, ýok, geçmezler! Geçme diýlensoň geçibilmezler.

Atamgyzy çaýyny içip bolandan soň ýeňillik bilen ýerinden turdy. Içeri girip gopuzyny alyp çykdy. Boýnundan asdy. Öwürtmek ýylgynyň üstüne serilgi şal çuwaly egnine atdy-da, aýagyna köwüşem geýmän, obanyň gündogaryna tarap tutdurdy. Obadan çykyberende güzeri çakyrtikenden doly köneje salma gabat geldi. Haýsy aýagyny bassa ýiti tikeniň awusy ýüregine batdy durdy. Şonuň üçinem ol güzere çuwalyny ýazdy-da, üstünden basyp geçdi. Aňyrsyna ötübem çekip aldy. Edil şol wagtam “has-has” edip Akbaý ýetip geldi. Atamgyzy ony güzerden geçirmän yzyna kowdy.

—Gal, ýogsam ýene-de höwünki ýaly obaň itleri dalar!

It galdy. Ýöne nadyl bolup galdy. Her ädimden soň aýak çekip, eýesiniň yzyndan garady durdy.

Öňünden çykýan çöp-çöňürleri, kökjagazlary, töňňejikleri çuwalynyň düýbüne oklap barşyna, Atamgyzy obadan mazaly daşlaşanynam duýmady.

Ýarty boluberende çuwalyny bir ýerde goýdy-da, etegine çöpläp başlady. Her gezek etegi dolandan soň eltip çuwala gapgardy. Kem-kemdenem örüsi giňedi. Soňky gezek etegi dolanda şyr-ak takyr meýdanyň o çetinde duran şal çuwal garalyp çalaja göründi.

Birdenem bir ýerden torgaý peýda boldy-da, Atamgyzyyň dik depesinde saýrap başlady. “Jüýpüldik-jüýpül, jüýpüldik-jüýpül”. Atamgyzy boýnundan asylgy gopuzyny garbap aldy. Sülgüniň jüýjesi ýaly şyr-ak takyr ýere pasyrdap çökende,

etegindäki çöplemeler dyr-pytrak bolup ýere döküldi. Daş-töweregine pytrady. Gopuz sesine maýyl bolup, kem-kemden pessaýlap gelýän mollatargaý ahyrsoňy emaý bilen gyzyň çat maňlaýynda gondy. Ýalt-ýult edip ýüzüne seretdi. Men-ä ýadadym, diýýän ýaly, çürnüjigini açyp diljagazyny görkezdi. Atamgyzy çalmasyny goýdy. Mollatorgaýa bakyp ýylgyrdy. Birdenem ýeňse tarapdan "hassyldy" eşidildi. Ýaňagyna biriniň ýyly demem uran ýaly boldy. Ol tisginip beýlesine bakdy.

—Akbaý?...

Akbaý çalaja çyňsap kellesini gyzyň goltugyna sokdy. Gyz itiň boýnundan gujaklady. Torgaý bir düýrükdi-de, pasyrdap asmana göterildi.

Birdenem ýoňsuzja şemal öwüsdi. Gyzyň örülgi saçlaryny boýnuna orady. Zülplerini derläp duran ýaňaklaryna, maňlaýyna ýelmeşdirdi. Ýerinden turanda etegini galdyrdy. Töwerekde Akbaýdan başga erkek göbekliniň ýokdugyna garamazdan Atamgyzy hasyr-husur çökdi-de etegini aşak çekdi. Gözýetimden garalyp gelýän apy-tupana gözi düşendenem, pytraşyp ýatan çöplemelerini çöpläp etegine atdy. Akbaýa bakyp bir zat diýjek boldy. Akbaý gulagyny ýapyryp çuwala tarap ýöneldi. Gyzam onuň gapdaly bilen ylgady. Çuwala ýetýänçäler ýel mazaly güýjedi. Etegindäkileri howul-hara içine atdy-da, Atamgyzy çuwaly arkasyna aldy. Emma ýel çat maňlaýyndan bolansoň, ýöremek gitdigiçe kynlaşdy. Ýeliň güýjerlemegi bilen gyz bütünleý ysgyndan gaçdy. Üstesine ugur-utga-da saýgartmady. Sag tarapda henize çenli görlüp-eşidilmedik bäş-üç sany harabanyň sudury salgym atdy. Gyz şol tarapa sowuldy. Azaşyp başga ýerlere gelendirin öýtdi. Şonuň üçinem, ýel köşeşýänçä şol harabanyň içinde garaşmagy ýüregine döwdi. Süýrene-süýrene içine girdi. Çuwaly burça söýäp özüni ýere goýberdi. Ýaplandy. Gözüni ýumdy. Eli bilen ýüzüni ýapdy. Düýrükdi. Şeýdibem uka gitdi. Akbaýam kellesini diwar bilen çuwalyň arasyna sokup eýesiniň gapdalynda süýndi.

Ýel birazajyk pesendelän ýaly etdi-de, soň ýene-de güýjerledi. Zaryn-zaryn iňledi. Köne harabanyň içinde terslin-oňlyn kowsarlady. Ýatanlaryň üstüni tot-tozan basdy. Gün gijikdi.

Atamgyzy Akbaýyň howsalaly sesine oýandy.

Görse, ýel mazaly köşeşipdir. Harabanyň agzynda bolsa, adam diýseň adam däl, haýwan diýseň haýwan däl, çuw-ýalaňaç, mähnet bir bela germelip dur. Tenem durşuna tüý. Ullakan gözleri içiňden geçip barýar. Burny maşşyk. Gulaklary gaba. Egri aýaklarynyň üstünde duruşy tagaşyksyz. Elleri uzyn. Penjeleri uly. Dyrnaklary aýpalta ýaly. Syrtarylanda gülýämi ýa gahar edýämi, biler ýaly däl.

Atamgyzy eli bilen başyny penjeläp çirkin gygyrdy. Mähnet gara zadam onuň bilen deňine gygyrdy.

—Aýu-u-u-uw-w!!!..

Bu ses Atamgyzyň galanja deramatynam aldy. Ol bir düýrmek boldy-da, gözüni berk ýumdy. Agşamky sesiň gulagyna eşidilmendigine şu duranyň şoldugyna, Aýuwdygyna ynandy. Akbaýyň bolsa şol, ýabjynyň durşy. Çalarak götinjekleýär-de ýene-de topulýar. Emma batyrnyp bilenok.

Aýuw içerik ätledi-de, Akbaýy aýagy bilen kakyp goýberdi. Egilip gyzyň iki bykynyndan tutdy. Emgenmän egnine atdy. Harabadan ýegdekläp çykdy we agşamyň ümüş-tamyşlygynda alyslardan garalyp görünýän, gatbar-gatbar gaýaly, gojaman daglara tarap rowana boldy.

Adam-gara duşman, sag-salamat daga aşmak üçin, ol özüni jeňňele urmalydy. Jeňňel bolsa obanyň gaýra tarapynda. Oňa barmak üçin obanyň üstünden geçmeli. Şonuň üçinem ol esli ýere barýança garaňka duwlanyp gyr bilen gitdi-de, obanyň deňinden geçensoň jeňňele tarap sowuldy.

Käte bir Atamgyzyň "gyk-bagyna" ses goşup, gapdaldan galman gelýän Akbaýam iň soňky pursadyň golaýlanyny aňan ýaly, böküp baryp Aýuwyň budundan agyz urdy. Aýuw silkinibräge-de bir öwrüm etdi, welin, Akbaý togalanyp beýläk düşdi. Jabjynyp ýerinden turdy-da, ýaňadan baryp ýagynyň injiginden aslyşdy. Silkindi. Yza dartdy. Onuň bilenem kär edibilmänsoň öňüne geçip üstüne bökdi. Öň aýaklaryny egnine goýup çigninden agyz urdy. Birdenem bokurdagyndan ýapyşdy.

Aýuw gyzy ýanbaşyna aldy-da, penjesi bilen itiň art aýagyndan tutdy. Aýlap-aýlabam takyr ýeriň ýüzüne ras, ýelmedi. It janawer "wa-a-aňk-wa-aňk..." etdi-de, gözüni agdardy ýatyberdi. Kakyndy.Esli mahaldan soň buruljyrap galjak boldy. Emma bolmady. Şonda-da özünden barha arany açyp barýan Aýuwa tarap temegini uzadyp ysgynsyz çyňsady. Şeýdibem ýanyny ýere berdi. Kellesini topraga goýdy.

Aýuw şol haýdap barşyna özüni köwe urdy. Soň gür gamyşlyklardan, ýlgynlykdan geçdi. Derýa boýuna golaýlandanam toraňňylaryň arasy bilen daga tarap gönüledi.

Atamgyzy urundy, gygyrdy, Aýuwyň çem gelen ýerinden dişledi, dyrnaçaklady, ýyrtdy, tüýlerinden penje-penje gopardy, ahyram özi ýadap özi goýdy. Süňňi gyzyp barýan Aýuw o zatlary çybyn çakança-da görmedi.

Ol diňe daglaryň eteginden aslyşyp ýatan baýyrlyklara maňlaýyny diränden soň aýak çekdi. Gyzy egninden düşürdi. Birmeýdan dilini sallap, "has-has" edip oturdy-da, birdenem özüni mejalsyz ýatan gyzyň üstüne oklady. Birnäçe wagt bäri özüni erkine goýman ýören ýabany hyjuwyny köşeşdirmek üçin tagaşyksyz hereketler etdi. Gyzyň eşiklerini ýyrtdy. Sermendi. Gözleýän zadynyň üstünden barandanam, ilk-ä bir küýkerildi , soňam gözlerini petreýdip diň-gögüne garady-da, bat bilen öňe omzady. Gyz gözlerini petretdi-de: "Hi-ýh!" edip içini çekdi. Birdenem: "Waý!" diýip, çirkin gygyrdy. Aýuwam gygyrdy. Ýöne onuň gykylygyň soňy süýjümtik iňňildä ýazdy.

...Aýuw howry öçüşen mähnet göwresini bir tarapa taşlady, gyzyň kiçijik döşlerine kellesini goýup çalaja ymyzganan ýaly etdi-de, birdenem böküp ýerinden turdy. Gymyldamaga rowgaty ýetmän ýatan gyzy egnine aldy-da, şol bir başky bady bilen höküdikläp ugrady. Şol gidişine ýene-de bir gije-gündiz ýol ýöräp, daglara ýetişdi. Garagyýçak, äpet-äpet daşlardan-daşlara, kertlerden-kertlere böküp, dar-dar jülgeleri söküp, ene saýlaryň içi bilen, belent gaýalaryň gerşi bilen ýol aşyp, Atamgyzyny kä arkasyna hopba edip, kä egnine alyp, käte goltugynda göterip özüniň arzyly mekanyna aralaşdy. Dagyň buky ýerinde, iňňän belent ýerde ýerleşen ullakan gowagyň agzyna bardy. Atamgyzyny ýerde goýup, äpet, gara daşy bir gyra süýşürdi. Içine sümüldi. Gyzy gowagyň ortarasynda ýatyryp, ölüdigini, diridigini anyklamakçy bolýan ýaly, esli mahal ýüzüne seredip durdy. Soň daş çykdy. Daşy öňküsi ýaly edip gowagyň agzynda goýdy-da, özem şoňa arkasyny berdi oturyberdi. Hä diýmänem irkiljiräp başlady. Gözleri ymykly ýumlandanam boýny bir gapdala gyşardy.

Atamgyzy bolsa bu wagt dünýeden bihabar. Ýatyr. Gygyranogam, yňrananogam. Ýerinden turjak bolup hereketem edenok. Hereket edere rowgatam

ýok. Onuň üçin indi bar zat öz manysyny ýitirdi. Çünki, ol ýeke bir il-gününden, obasyndan, dogan-garyndaşyndan däl, eýsem iň eziz zadyndan – gyzlyk buýsanjyndanam aýryldy. Indi onuň oňa-muňa görünere, oba baryp Gerçek bilen gepleşere süýji-süýji arzuwlar edişere ýagdaýy ýok. Şonuň üçinem ol şu wagt ýerinden turmagyň däl-de, galan ömrüne ukudan oýanmazlygyň, arzuwyny edýär. Gaflatyň hiç haçan gutarmazlygyny, başyndan sowulmazlygyny isleýär. Ol häzir özüniň nirede ýatanynam, ýanynda kimiň baryny-ýogunam bilenok. Ol hatda özüniň diridigini ýa ölüdiginiem bilenok.

...Günüň ýiti şöhlesi Aýuwyň edil, ýazzy maňlaýyndan sanjyldy. Ol hasyrdap ýerinden turdy. Daşy aýryp gowagyň içine girdi. Oňa gözi düşenden Atamgyzy düýnküsindenem çirkin gygyrdy. Oturan ýerinde däbşenekläp yza tesdi. Diwara gysyldy. “Has-has” edip dem alanda ýumryja döşleri eňegine degip-degip gaýtdy. Üstüne abanyp duran nägehandan goranmak üçin ellerini daldalatdy. Degerli zat gözläp töweregini garanjaklady.

Oňa çenlem Aýuwyň agyr göwresi üstüne howala boldy. Şondan soň Atamgyza dişlerini berk gysmakdan, Aýuwyň uly hyruç bilen, dyzap-dyzap urýan “urgularyna” döz gelmekden başga alaç galmady.

Aýuw bu gezegem ysgyndan gaçan göwresini bir gyra taşlap süýjümtik iňledi. Ýatan ýerinden gyzyň ap-ak bedenini, buýr-bulaşyk bolan saçlaryny synlady. Göreçleriniň gyralaryndan syzyp, al-ýaňak üzre syrylyp ýere düşýän, monjuk deý nepis gözýaşlaryna geň galyp seretdi. Eli bilen göwüslerini, boýnundaky gopuzyny elläp gördi. Soň ýerinden turdy. Daş çykdy. Daşy ýerinde goýdy-da, aşaklygyna tarap abşanaklap ugrady.

Atamgyzy bolsa, agyr ruhy ten yzasy astynda ýene-de gaflata giriftar boldy.

Şol ýatyşyna agşamaralar özüne geldi. Gözüni açyşy ýalam töweregini synlady. Gowagyň agzy ýapyk. Içeri garaňky. Ýöne, näme bar, näme ýok, saýgaryp bolýar. Asyl-ha ol ýerde saýgarar ýaly zadam ýok. Boş. Dört tarapyň buz ýaly sowuk daş. Aşagyňam daş, üstüňem daş. Zeý. Içi demiňi tutup barýan dymyljak ys. Diwarlaryň ýüzi damja-damja der. Megerem Aýuwyň aw “gurallary” bolsa gerek, bir böwürde bir giden egrili-dogruly agaç, gujak-gujak çygar çybyklar üýşürilgi.

Atamgyzy süýrenjiräp gowagyň agzyna bardy. Daşy süýşürjek boldy. Emma gozgabam bilmedi. Azajyk demini dürsänsoň ýene-de synanyşyp gördi. Bu gezegem bolmady. Eli bilen daşyň düýbüni köwjek boldy, ol-a hijem başa barmady. Daşa arkasyny berip, aýaklarynam kerte berk diräp iküç ýola dyzady. Ondanam netije bolmady. Şondan soň Atamgyzy gowagyň başga bir ahmalyrak ýerlerini gözledi.

Gowak – öz boluşly, üç otagly jaýa meňzeýär. Esasy, uly “otag” Atamgyzyň ýatan ýeri bolup, soňky iki otag bilen ony, ini bir adam sygarlyk, boýy üç-dört metre barabar bolan uzyn, dilkaw geçelgejik birleşdirýär. Ol iki otagam öz gezeginde uly, gyýçak daş bilen deň ikä bölünýär. Ýöne, şol daş petige direlmeýär. Üsti açyk galýar. Şol üst bilenem ondan-oňa dyrmaşyp geçmek bolýar.

Atamgyzy dilkaw öýjükden geçip, gyýçak daşa maňlaýyny diränden, “goşa otagyň” sag taradakysyndan “şirrildi”, çep tarapdakysyndan bolsa “şaggyldy” eşidildi. Ol usullyk bilen gyýçak, çyg, ýylçyr daşa dyrmaşdy. Orta biline barandanam aýagy taýyp ýykyldy. Güpürdäp ýere düşdi. Esli wagt seňseläp ýatdy. Özüni dürsänsoňam kellesini tutup oturdy. Soň ýene-de ýerinden galdy. Täzeden dyrmaşdy.

Bu gezek sag-aman çykdy. Görse, sag tarapdaky “şirrildi” gowaga girýän çeşmejik ekeni. Onuň hatda ýokardan syzyp gelýän ýerem görnüp dur. Siňe syn etse suw esasy “otaga” hem geçýär-de, şol ýerde sesisz-üýnsiz ýeriň göwsüne siňip gidýär. Ony Atamgyzy birbada aňşyrmandyr. Şonuň üçin ol gerişden düşüp uly “otaga” geçdi-de, suwdan tä ganýança içdi. Gerşe täzeden dyrmaşyp, indi çep tarapky “şaggylda” diň saldy. Düşüp diwara gulagyny goýdy. Ahyram ol: diwaryň aňyrsyndan güýçli, dag çeşmesi ýa-da derýa akyp ýatyr, diýen netijä geldi. Diwaram gaty galyň bolmaly däl. Ýogsam suwuň sesi beýle aýyl-saýyl eşidilmezdi.

Atamgyzy ujy ýiti gyýçagrak daşlar bilen diwary urup ugrady. Derrewem ýadady. Maňlaýyny sowuk diwara ýaplap demini dürsedi-de, soň ýene-de uly hyruç bilen haýdap başlady.

Gowagyň agzyndaky daş alaşarykdy bolup ugrandanam, ylgap ortaky otaga geçdi.

Aýuw içeri girensoň, daşy çygyla-çygyla ýerinde goýdy-da, kellesi çym-pytrak bolan çal towşany ortara oklap goýberdi. Atamgyzyň oňa tarap nazarynam aýlamandygyny görübem, edil Ýoldaş Hemranyň äkiden aýal Aýuwynyň edişi ýaly, her eli bilen bir aýagyndan tutup bir silkende towşany ikä böldi. Bir satanyny silkip aldy-da, Atamgyza uzatdy. Öz elinde galan satanyň dersini selteräge-de, işdämenlik bilen agyz urdy. Bol, senem şeýt, diýýän ýaly Atamgyzyň ýüzüne jiňkerildi. Birdenem bokurdagyndan birhili pişigiň “myrryldysyna” meňzeş ses çykardy. Arasynda içikýän ýaly “hyk-hyk” etdi. Gözlerini süzdi. Elindäki doly gemrilip gutarylmadyk süňki bir ýana zyňyp ileri süýşdi. Onuň nähyýala münenini aňan Atamgyzy böküp ýerinden turdy-da, özüni törki otaga atmak üçin, ötüge tarap topuldy.

Emma, täzeje, ganly etiň ysyna hyjuwy täzeden joşup, gasygy gaýnap ugran Aýuw eýýäm onuň öňünde germelip durdy.

Ertesi, Aýuw çykyp gidenden soň, Atamgyzy ýene-de öz “işini” dowam etdirdi. Açlykdan ýüregi akyberende gan-gabarçak bolan ellerine seredip aglady. Ortaky “otaga” geçip suw içdi. Sergi bolup ýatan towşan etine bakyp ýuwdundy. Meýil etdi. Emma batyrynybilmedi. Soň ýene-de törki jaýa dolanyp bardy. Ujy çüňkli daşy eline alyp ep-esli ýeri oýulyp ugran diwary täze güýç bilen urmaga başlady. Diwar az-kem ýuwşady. Oýuk çuňaldy. Atamgyzy durup diň saldy. Şaggyldy golaýlaşdy. Kem-kemdenem güýçlendi. Bu – diwaryň ýukalandygynyň alamatydy. Azat bolmak, ýagty howa çykmak umydy gyzyň ýadawlygyny aýryp, göwresine gurp berdi. Ilkibaşda dörän terkidünýälik howpundan aýňalyp, her niçik hem bolsa oba dolanyp barmaly diýen düşünjäni kalbyna guýdy. Göz öňüne enesi, agasy, Gerçek geldi. Şonda onuň eljagazlary daş köwýäne däl-de, dokma ýüwürdip, darak kakýana meňzedi. Gara der bolup oturşyna oba dolanyp barşyny, dogan-garyndaşlarynyň, obadaşlarynyň özüni uly şowhun bilen garşy alyşlaryny göz öňüne getirip ýylgyrdy. Şol şowhunly märekäniň içindäki ýaňy murty taban, her çigninde bir adam aýbogdaşyny gurup oturybermeli uzynak ýigidiň soragly nazary göz öňüne gelende bolsa aşak bakyp ýüzüni iki ýana sypjaklatdy. Eginlerini gysyp ýygryldy. Şondan soň ol ýene-de esli mahal işläp bilmän oturdy. Daşyny ýere taşlap ýüzüni tutdy. Aglady. Henizem göz öňünde direnip duran Gerçege bir zatlar diýjek boldy. Emma ýigit oňa gulagam asmady. Gaty-gaýrymam diýmedi-de, nämeüçindir daglara tarap ýumrugyny bulady,

bir zatlar diýip haýbat atdy. Elmäýyş ene bolsa “höwürtgesinden” çykdy-da, gyzyna tarap ganatlaryny gerip gaýtdy. Gelşi ýalam gujaklap bagryna basdy, ýüz-gözünden ogşady. Begenjinden gözüniň ýaşyny süpürdi. Bir görse Jahangirem at üstünde özüne seredip otyr. Gözleri ýanyp dur. Aşagyndaky atam şo-ol, bir duran ýerinde pyrlanyp du-ur, pyrlanyp du-ur...

...Atamgyzy agyr oýlardan aýňaldy-da, ýene-de diwary ýenjip başlady.

Adam sümäýmeli giňişlikdäki deşigiň uzynlygam adamboýuna barabar boluberende, “şaggyldy” has golaýlaşdy. Şol wagt Aýuw içki “jaýa” kellesini sokup seredäýende hem Atamgyzyny görjek däldi. Çünki, ol indi deşigiň içine sümülip, ho-ol, aňyrda alahasyrdy bolup ýör. Deşigiň agzyna baryp siňe seredäýmeseň içinde kim bar, kim ýok, biler ýaly däl. Garaňky.

Şu ýagdaý birnäçe gün dowam etdi.

Bir günem... birdenkä gowagyň içi ýagtylyp gitdi-de, Atamgyzyň ýüzüne arassa howa urdy. Aşakda “şaglap” ýatan çeşme, gabat garşyda serini duman basan howaly daglar, ýokarda gök asman göründi.

Atamgyzy deşigi mazaly giňeltdi. Höwürtgesinden ilkiji gezek uçmakçy bolýan guş ýaly deşikden ýarpy göwresini çykaryp aşak seretdi. Çeşmä çenli bolan ýigrimi-otuz gulaç aralygyň uçut gaýadygyny görüp bar umydy puç boldy. Birdenem: “Belki bu çeşme meni derýa elter, derýa bolsa oba elter. Oba adamlary meniň jesedimi suwdan çykararlar, tanarlar, başyma nägünleriň düşendigini bilerler. Aýuwyň elinde diri galandan jesedimiň oba barany gowudyr” diýen oý peýda boldy. Şonuň üçinem ol kükregini arassa howadan doldurdy-da, jümle-jahanyň göz ýeterdäki ýerini iň soňky gezek synlady. Oba tarap uçup barýan guşlardan enesine, agasyna, Gerçege hoşlaşyk salamyny iberdi. Hamala olar aşakdan özüne syn edip duran ýaly: “Ine onda, hoş galyň!..” diýdi-de, gözjagazlaryny ýumdy. Birki ýola ganatjagazlaryny galkyjaklatdy-da, özüni dik aşak goýberdi. Kelemenläp gelýän ejizje göwräniň, içi ownuk daşlardan doly telperje çeşmä gülçüldäp düşmegi üçin göz açyp-ýumasy pursat galdy. Şol pursat tamam bolmanka, Atamgyzy eýýämhaçan buýr-bulaşyga öwrülen dünýäni ýene bir gezek synlamaga ýetişdi. Şonda onuň gözüne kert gaýanyň düýbi bilen iki elinem asmana serip, bir düýrmek tüweleý ýaly ýeldirilip gelýän Aýuwyň keşbi kaklyşdy. Ýöne, onuň hakykatdanam şoldugy ýa däldigi barada pikir edere maý ýokdy. Düýbi ýylçyr daşlardan doly çeşme golaýlapdy.

...Emma ol “güžžüldäp” suwa gaçmady. “Jalkyldap” daşlara urulmady. Howadaka böküp gapdymy ýa ýere düşüp düşmänkä garbap tutdumy ol belli däl, Atamgyzyň düşen ýeri Aýuwyň ýumşak gujagy bolup çykdy. Ýöne, munuň badyna Aýuwyň özem tüwdürilip gitdi-de, togalanyp baryp çeşmäniň içine düşdi. Gyzy gujagyndan sypdyrmajak bolup “pažžyldap” ýörşüne ahyram bir kökden ýapyşyp saklandy. Alaşapyrdy bolup ýerinden galdy. Içine suw gidip garykdy. Hopukdy. “Şalp-şalp” edip suwdan çykdy. Abşanaklap gyra çekildi. Atamgyzyny ýerde goýup özem gapdalyna çökdi. Tüýlerinden suw sarkdyryp “has-has” edip oturşyna nägile äheň bilen birki ýola kelteräk uwlady.

Atamgyzyň gözi öňi bilen dik ýokardan garalyp görünýän deşige, soň daş-töwerekdäki miweli, ýabany agaçlara düşdi. Akar çeşmä bakyp ýuwdundy. Durnagöz, arassa suwdan ine-gana içmek üçin süýrenjiräp çeşmä girdi. Telperräk ýerine baryp dik oturdy-da ilki ýanawuçlap, soň goşawuçlap, tä ganýança içdi. Bal

ýaly süýji suw ysgynsyz göwrä gurp berdi. Şondan soň ol çeşmeden böküp çykdy-da, sallanyşyp duran ýabany narlardan, injirdir üzümlerden ýolmaga başlady. Ýetişibildiginden hem agzyna dykdy, hem etegine ýygnady. Agzy açyk pisselerden çakdy. Her biri ýumruk ýaly hozlary döwüp, maňzyny iýdi. Häliden bäri hökúdikläp, yzyndan galman ýören Aýuwam onuň ähli hereketlerini birin-birin gaýtalady. Onuň bu “oýna” birkemsiz gyzandygyny duýan Atamgyzy eteginiň ujyny dişledi-de, haýsy tarapadygyny özem bilmezden “ýa Alla” diýip ökjäni göterdi.

Aýuw iki bökende onuň yzyndan ýetdi. Edil başdakysy ýaly iki bykynyndan tutup egnine atdy we ýokarlygyna tarap ýegdekläp ugrady. Emgenmänem çykdy. Gyzy gowagyň içine salyp daşyndan ýapdy. Yzyna gelip onuň ýygnan ir-iýmişleriniň hemmesini ýeke-ýeke çöpledi.

Şondan soň ol gowaga et getirmesini goýdy. Ýetişibildiginden ir-iýmiş daşady. Indi ony islän wagtyň açyp boljakdygyna garamazdan Atamgyzyň deşen deşigini ululy-kiçili daşlar bilen doldurdy. Bärsinden agaç üýşürdi. Şol tarapa geçilýän dilkaw ötügem bekledi. Birazajyk arkaýynlaşdymy ýa säwlik etdimi, bir gün Aýuw gowagyň agzyny gowşagrak ýapyp gitdi. Muny Atamgyzam duýdy. Aýuw ep-esli ara açansoň, ýuwaşlyk bilen gowagyň agzyna bardy. Yşyndan daşaryk seretdi. Daşa çignini diräp dyzady. Emma daş gozganmady. Şondan soň ol ulurak egdileriň birini alyp geldi-de, daş bilen diwar aralykdaky yşa sokdy. Bar güýji bilen ony iki ýana yralady. Daş sähelçe süýşdi. Atamgyzy ýaňky hereketini ýene bir gezek gaýtalady. Yş ulaldy. Atamgyzy ol egdini ýerinde galdyryp başga bir agajy getirdi-de ony diwar bilen egdigiň aralygyna sokdy. Daş ýene-de azajyk süýşdi. Atamgyzy agajy egdiniň üstüne mündürip yralady. Yş has ulaldy. Soň agaçlaryň ikisinem bilelikde gaňyrdy. Şondan soň daş ýeňlän ýaly boldy-da, birdenem öz agramyna bir tarapa agyp gaýtdy. Atangyzy suwulyp daş çykdy. Bir pursatlykça dünýe älemi synlap durdy-da, awuny gören bürgüt çagasy ýaly şaglap aşak iýndi. Şonda onuň abat ýeri az galan eşikleri, çile agaçlaryna gysdyrylan, esgi bölejikleri ýaly şemalyň ugruna howsalaly pasyrdaşdylar. Şar-gara saçlary bolsa höwürtgesini ýitiren garlawajyň ganatlary kimin howanyň ýüzünde çar tarapa galgaşdylar.

Ol aşak düşüşi ýaly, çeşmeden ýüzugra ýanawuçlap suw içdi-de, özüni gür biten böwürslenligiň arasyna urdy. Haýsy tarapa gitjegini bilmän ýaýdandy. Tolgunmakdan ýaňa öýkenine howa ýetmän haşlady. Daljykdy. Birdenem böwürslenlikden dazlap çykdy-da, çen bilen demirgazyk günbatar tarapa tutdurdy. Onuň çaky boýunça, oba şol tarapda bolmalydy. Onsoňam bu wagt onuň üçin esasy zat şu ýerden daşlaşmak, Aýuwyň mähnem penjesinden arany açmak.

Şonuň üçinem ol uzynly gün ýol ýöredi. Ýöredi däl-de ylgady. Agşam düşüberende dagyň iň belent ýerine çykyp daş-töweregine ser saldy. Uzakda, bir ýerde, gök balygyň gerşi ýaly bolup birgiden baýyrlyklar göründi. Atamgyzy ony Köwli obasynyň adamlarynyň “oba görner” diýip atlandyrýan baýyrlygydyr hasap etdi. Çünki, dag tarapdan barýan adam şol baýra ýetende oba görünýärdi.

Atamgyzy ylgap pese indi-de, birazajyk dynç almak üçin, oýtagrak ýerdäki gyrymsy agaçlaryň arasyna sümüldi. Pudaklaryny eýläk-beýläk egişdirip ýatar ýaly ýer edindi. Çöp-çalam, döwük ýenjik şahalar bilen daşyny gabsady. Elini ýaňagyna goýubam gyşardy. Şol ýatyşyna-da uka gitdi. Düýşünde oba bardy. Ençeme wagt bäri kalbynda besläp ýören arzuwlary düýşünde oraşan göründi. Wysalyň süýji

lezzetlerinden ýaňa uzynly gijäni ýylgyrjaklap geçirdi. Gün dogup-dogmanka-da oýandy. Bir enaýyja saýraşýan guşlaryň sesi oňa bu ýagty jahany hasam owadan, mähriban edip görkezdi.

Ol usullyk bilen ýerinden galdy-da, assyrynlyk bilen daş-töweregini synlady. Hiç-hili howpuň ýokdugyna göz ýetirenden soň bukudan çykdy. Peslikde ylgaýyp, beýikde ýortup gelşine ak öýlänler boluberende "oba görneriň" gök gerşine mündi. Şonuň bilenem dag gutardy. Baýyrlyk başlandy. Baýyrlykdan soň gyzyň ýoluny gum kesdi. Gün gyzar ikindi boluberende öňünden şyr-takyr çykdy. Şondan soň ol özüniň dogry barýandygyna, oba golaýlandygyna göz ýetirdi. Kimdir biri tamdyra ot goýberen bolsa gerek, allaowarralardan bir ýerde inçejik, gök tüsse göründi.

Atamgyzy şol tarapa elini serdi-de, eliň aýasy ýaly tekiz meýdan bilen, aýakaldygyna ylgap başlady. Şol barşynada bir aglady, bir güldi. Birdenem gözüne bir wagtlar eti çüýräp, tüýleri düýt-müýt bolan hamyndan sähelçe sudur galan Akbaýyň jesedi kaklyşdy. Saklanjak boldam welin, sag aýagynyň başam barmagy gaty düwüre degdide tüwderilip gitdi. Iki elinem öňe ýazyp ýüzün ýykyldy. Maňlaýy gaty çöňüre degip ganjardy. Burny sypjyryldy. Aýagynyň ujunda ýüregiňe batyp barýan ýiti agyry peýda boldy. Şeýle-de bolsa Akbaýyň başujunda oturyp sähelçejigem bolsa jesedine mähir siňdirmegi, soňam bir gün Jahangir bilen geläge-de, jaýlapjyk gitmegi ýüregine düwdi. Şol oý bilenem hasanaklap ýerinden galdy. Görse...

Görse Aýuw üstüne abanyp dur.

Atamgyzy bu gezek gygyrymadam, garşylygam görkezmedi. Hiç kimi kömege-de çagyrmady. Şo-ol Aýuwyň ýüzüne seredip mölerildi durdy. Agzy suwy ýap-ýaňyja ýatan ýapdan tutulan balygyňky ýaly, çalaja açylyp ýumulýar, dodaklary gymyldaýar, endamy titir-titir edýär, oba tarap elini uzadyp bir zatlar diýjek bolýar, emma bolanok. Sesi içinden çykanok. Aýuw bolsa durşy bilen gahar. Gazap. Gözleri ýanyp dur. Dişlerini "şakgyldadyp" biri-birine uranda arasyndan ot çykýar. Iki erninden uçgun syçraýar. Hemişe sallanyşyp ýatan tüýleri häzir edil kirpiniň tikeni ýaly syh-syh. Dem alanda kükregi "gyjyr-gyjyr" edýär...

Atamgyzy gözüni ýumdy-da, iki eli bilenem ýüzüni tutdy. Aran ýaly penjäniň bykynyndan ilenini, aýaklarynyň ýerden üzülenini, howada galgap ugranyny çalaja aňşyrdy. Şondan soň näme bolanyny, näme goýanyny bilenok. Bir görse gowagyň içinde ýatyr.

Atamgyzy indi özüniň bu beladan gaçybam, ölübem gutulyp bilmejekdigine düşündi. Çünki, bu "gara tüweleý" ajaldanam çakgan. Çalasyn. Çalt. Gözleri ýiti. Aýaklary ýüwrek. Güýç kuwwaty ummasyz. Eger-de öljek bolsaňam öňürti şuny öldürip ölmeli, gaçjak bolsaňam, öňürti şuny öldürip onsoň gaçmaly.

...Ol daňdanaralar gowagyň agzyny alyp ýatan Aýuwyň ýanyna süýrenjiräp bardy. Onuň süýji ukyda ýatandygyna gözi ýetensoň pişik basyşyny edip, gitdi-de, gowagyň içindäki daşlaryň gyýçagragyny jaýdarragyny alyp geldi. Başujuna geçdi. Daşy dik depesine göterdi-de, Aýuwyň ýazzy maňlaýyndan inderdi. Aýuw arlap beýlesine öwrüldi. Daş düňküldäp ýere degdi. Gowagyň içi sarsyp gitdi. Atamgyzy ikinji gezek urdy. Aýuw bu gezegem agdaryldy. Näçe gezek ursa olam şonça gezek togalandy ýatdy.

Bu – onuň ukydaka hem bar zady edil oýalykdaky ýaly duýýandygynyň alamatydy.

Şeýlelik-de Atamgyzyň o niýetem başa barmady. Ýöne, umytdanam düşmedi. Başga bir amatly ýagdaýyň ýüze çykjakdygyna arzuwynyň hasyl boljakdygyna ynandy.

...Wagt geçdi. Tomus sowuldy. Güýz düşdi.  Agaçlaryň ýapraklary saraldy. Demirgazykdan öwüsýän sörtük şemal gowagyň içini sowatdy. Hä diýmänem daş-töwerek ak gara bürendi. Gowagyň diwarlary gyrawlady. Içinde buz doňdy. Ir-iýmişler sowuldy. Aýuw ýene-de et getirip ugrady. Emma Atamgyzy çig et iýmedi. Arly tomus ýygnan şänikleriniň maňyzyny, guradan kişdelerini, pisselerini iýip oňňut etdi, çöp-çalamlary bir ýere üýşürip özüne ýatar ýaly ýer edindi. Üstündenem Aýuwyň awlap gelen haýwanlaryndan sypyryp alan ululy-kiçili deri böleklerini ýazdy. Emma “düşege” onuň özündenem  öňürti Aýuw geçdi. Şonuň üçinem ol özi üçin ýene bir ýerjagaz edinmeli boldy. Şeýdibem bu ejizje, naçar gyz üçin, yns-jynssyz dagyň içinde, il-günden alysda, tükeniksiz öý hysypdylary başlandy.

Dogry, Atamgyzyň öz hasabyna görä ýygnanja hurşy gyşdan çykara arkaýyn ýetmelidi. Emma gapdalyndaky öýkünjeň bela Atamgyzy birini iýse onusyny iýdi, bir gysym iýse on gysym iýdi, şeýdibem onuň ýalagyna suw çaýkady oturyberdi. Telim günläp hiç ýana gitmän, gowagyň ortarasynda çiň arkan düşüp şänik çakyp ýatan gezeklerem boldy.

Atamgyzy ahyram bir gün halys alaç tapman, Aýuwyň getiren çig etine agyz urdy. Emma çeýnäp bilmedi. Gyla bulanan çig etiň üýtgäp ugran ýakymsyz ysy göni baryp beýnä ornaşdy. Agzyndakyny çykaryp, agzyndan zyňandan soň esli wagtlap “ö-ö-ö, ö-ö-ö...”  diýip gygyrdy oturdy. Ö gutarandan soň gowagyň göwsünden syzyp duran suwdan agzyny çaýkady. Içdi. Soň ýene ögedi. Gaýtardy. Şeýdip, gaýtam öňküje deramatyndanam aýryldy. O zatlaryň üstesine ol indi turşy-şoram küýsäp ugrapdy. Şonuň üçinem bir gün halys uwnup-çydaman, şorlap duran diwarlary ýalap başlady. Ýöne ol barybir bu ýagdaýda özüniň uzak ýaşap bilmejegine, il-güne gowuşmak arzuwynyň ardurja köýüp gitjekdigine ymykly göz ýetirdi. Şonuň üçinem ol her zat etmeli welin, ot ýakmaly, ojak edinmeli diýen netijä geldi. Ot ony sowukdanam, açlykdanam, ölümdenem, ýetip gelýän gara gyşdanam, bu “gara beladanam” halas etmelidi.

Atamgyzy gowagyň içindäki ululy-kiçili daşlardan iki sanysyny saýlap aldy. Ortarada ykjamja ornaşyp daşlary güýç bilen biri-birine urup ugrady. Emma ot çykmady. Elindäki daşlar owranyp kül-maýda bolansoň başgasyny aldy. Soň olaram täzelemeli boldy. Şeýdip otyrka-da üstüne Aýuw geldi. Gelşi ýalam her eline bir daş alyp biri-birine urmaga başlady. Birdenem daşlaryň birini öz daraklygyndan saldy-da ulyili bilen gygyryp ýerinden galdy. Mähnet göwresini bir asmana zyňdy, bir palçyldadyp ýere urdy. Uwlady. Gowagyň içinde ters aýlandy. Bökdi. Ellerini silkdi. Durup-durubam Atamgyza çiňerildi. Onuň henizem daş ýenjip oturşyny görüp, zyňan daşlaryny täzeden eline aldy.

Üçünji gün diýlende Atamgyzyň çakmagy ot berdi. Ol çaga ýaly begendi. Begenjine ör turdy. El çarpdy. Oduň ysy gowagyň içine ýaýradygysaýam göwrümi giňedi. Ýaňy bir tutaşyp ugran ody söndüräýmezlik üçin ilki gury ot-çöplerden, soň kiçeňräk şahalardan, ondan soň agaçly odunlardan atyşdyrdy. Hasyr-husur daşyna daş

aýlap ojak edindi. Dikejegine oturyp ömründe ilkinji gezek, hut öz eli bilen ýasan ojagynyň oduna çoýundy. Oduň üstüne germeldi. Etegini galdyryp, göwsüni, kükregini, ýagyrnysyny çoýdy. Kalbynda öz ýakan odunyň ýalkymy düşüp duran sowuk, ýöne, ýaňy bir ýylap ugran gowagyň büdür-südür diwarlaryna bolan mähir duýgusy döräp başlady.

Atamgyzy haýdan-haý oduň her çetine bir haçja dikdi-de, bir bölek eti taýakdan geçirip, ot üzre her ujuny bir haçja ildirdi. Mahal-mahal taýagy aýlady, öwürdi. Bişere howlugyp ýuwdundy. Jyzyrdap başlandanam işdä bilen agyz urdy. Dişläp aldy. Çeýnedi. Hamala gapdalynda biri oturan ýaly: “Duzam bolaýsady”, diýip pyşyrdady. Güzeranynyň azajygam bolsa ýeňländigi üçin begendi. Hudaýa şükür etdi.

Şeýdip otyrkada daşardan Aýuwyň “düňküldisi” eşidildi. Gowagyň agzyndaky daş gymyldady. Atamgyzy oduň başyndan aýrylyp bir burça gysyldy.

Ortarada gübürdäp duran oda gözi düşenden Aýuw gygyryp gaýrak zyňdy. Atamgyzy bu ýagdaýa geň galdy. Içinden: “Bu asyl otdan gorkýan ýaly-la”, diýdi-de, ylgap baryp otly, kesindileriň birini eline aldy. Aýuwa topuldy. Aýuw dazanaklap daş çykdy. Girelgäni ýapmakdan ellibizar, esli ýere çenli omadaklap gitdi. Kesindisini bulaýlap gowakdan çykan gyzam onuň yzyna düşdi. Aýuw aňyrlygyna gaçdy. Şeýdip, aşak düşdüler. Şondan soň Atamgyzy beletje ýoly bilen oba tarap tutdurdy. Aýuw golaýlaberjek bolsa kesindisini bulady. Ýöne, kesindi bir eýýäm öçüpdi. Diňe ujy tüsseläp durdy. Tüsselemesem galansoň Aýuw ylgap geldi. Tutmak üçin gollaryny giňden gerendenem Atamgyzy entek doly sowap ýetişmedik kesindiniň ujuny bazyrdadyp böwrüne basdy. Aýuw aýylganç gygyryp çiň-arkan gaýtdy. Düýe ýaly daşlaryň arasyna gülgüldäp düşdi-de, esli ýere çenli togalanyp gitdi. Emedekläp ýerinden galdy. Mähnet penjesi bilen garagana boýalan maňlaýyny tutdy. Atamgyzam kesindisini somlap öňe süründi. Aýuw yza tesdi.

Şondan soň Atamgyzy ýoluny dowam etdirdi. Aýuwam gapdaly bilen “haltyldap” ugrady. Atamgyzy dursa-durdy, ýörese – ýöredi.

Ýöne, Atamgyzy barybir uzak gidibilmedi. Içinden geçip barýan aňzak sowugyň yzasy dabanlaryndan ötüp depesine ornady. Aýagy, eli hiç zat duýmady. Göwresi saňňyldap, gözleri garaňkyrady. Dişleri şakyrdady. Buzdanam sowuk garagyýçak daşlar injiklerini persala etdi. Kä ýerde dyzyndan, kä ýerde gasygyndan geçýän, doň gar, her gezek ädim ädende endamyny gyýym-gyýym etdi. Kert gaýalaryň ýüzüni ýalap geçýän gury aňzak damagyny çalaýarly göründi. Her gezek “şuwwuldap” şemal öwsende ak garlaryň ýüzünden örňeýän ak tüweleý Atamgyzyň kiçijek göwresini Aýuwyň ýiti gözlerinden gizledi. Ahyram ol ysgyndan gaçyp ýykyldy. Ýykylyşy ýalam iki eli bilen garnyny tutdy. Şol ýatyşynada, “golt-golt” edip ýanyna gelen Aýuwa tarap kesindisini bulady.

Aýuw ýene-de yza tesdi. Ýöne gaty gaçmady. Atamgyzy kiçijek eljagazlaryna daýanyp ýerinden galdy. Yraň-daraň edip durşuna töweregine garanjaklady. Ýüzüne, gözüne, üst-başyna ýelmeşen garlary kakyşdyrdy. Bir oba tarap, birem agzyndan zogdurylyp çal tüsse çykýan gowaga garap delmurdy. Şonda, şol çal tüsse onuň gözüne bar zatdan eziz, mähriban göründi. Çünki, şol çal tüsse onuň öz eli bilen ýasan ojagyndan çykýardy.

Ol bireýýäm buzgarakesege dönen kesindisini bir gapdala taşlady-da, ýuwaşjadan yzyna öwrüldi. Içi garaňkam bolsa, otly-ojakly, gadymy gowagy nazarlap, ak gar üzre ýüzüp başlady. Ýöne, uzak gidibilmedi. Guşaklygyna ýetir duran galyň garyň içi bilen bäş-üç ädim ätledi-de, ýüregini tutup bir gapdala ýykyldy.

Aýuw bir bökende gelip onuň üstüne howala boldy.

...Ol uzyn gije ýanar oduň içinde iki ýana urundy. Gyzdyrdy. Üşütdi. Dişlerini şakyrdadyp "hababaýlady". Käte kiçijik ýumrujyklaryny düwüp, gözlerini depesine dikdi, yňrandy. "Enä-ä-ä, ojagyma odun ataýsana-a..." diýip, samrady. "Zöwläp-zöwläp" ýerinden galdy. Iç işikde hüýt-gara bolup oturan Aýuwyň ýüzüne çiňerilip: "Sen kim? Saňa näme gerek?" diýip sorady. Derrewem aşak çökdi-de, başyny daşa goýdy. Aýuw bolsa oda golaý gelibilmän, uzynly gijäni gowagyň agzynda oturyp geçirdi.

Şol günüň ertesi öýlänaralar Atamgyzy çalarak özüne geldi. Gözüni açyşy ýalam başyny galdyryp ojaga seretdi. Çöp bilen külüni gorjady. Külüň aşagyndan gülbüreşip çykan gyzgyn közleri görüp uludan demini aldy. Süýrenjiräp ýerinden turdy. Ojaga odun atdy. Tüsseläp başlan soň üfledi. Tutaşdyrdy.

Ot ulaldygysaýy henizem agşamky ýerinden butnaman oturan Aýuw ynjalyksyzlanyp başlady. Gowagyň agzyna tarap soguşyp barýan goýras, gök tüssä, Atamgyzyň diwara düşýän gabaraly kölegesine howatyrly seretdi. Kalbyna wehim aralaşdy. Öz kölegesine gözi düşendenem gygyryp gaýra zyňdy. Zymdyrylyp daş çykdy. Ol diňe ojakdaky oduň ýalny peselip köze öwrülenden soň gaýdyp geldi.

Atamgyzy ojaga golaý süýşdi. Dişlerini şakyrdadyp ýatyşyna o ýan, bu ýan agdarylyp, tutuş göwresini gyzdyrdy. Mazaly ýylynanyndan soň ymyzgandy. Käte bir turup ojaga iki şaha odun atdy-da, soň ýene ýatdy. Arasynda basyrgandy. Üsgürdi. Üç gün diýlende-de çalarak derledi. Şondan soň aýak üstüne galdy. Gowagyň çüňkünde ýatan etden bölüp aldy-da, çybyga ötürdi. Oda tutdy. Tenenden soň sähelçesini bölüp alyp agzyna atdy. Muny görüp Aýuwam şeýtjek boldy. Emma eli bişdi-de eti ýere taşlady. Barmaklaryny agzyna sokup aýaklaryny tapyrdatdy. Güňleç ses etdi. Atamgyzy ikinji gezegem bölüp agzyna salansoň ýene-de durubilmän ýerde ýatan ete elini uzatdy. Atamgyzyň üfläp oturanyny görüp üfledi. Diňe şondan soň örän seresaplylyk bilen agzyna saldy. Kem-kemden ol ot bilenem öwrenişdi. Hatda, Atamgyza öýkünip ojaga birki şaha odunam atdy.

Odun azalyberensoň Atamgyzy Aýuwa ojagyň başyndaky galan-gaçan döwnüşgeleri görkezip daşaryk ümledi. Aýuw düşündi. Düňküldäp gitdi-de, gowagyň agzyna golaýrak ýerlerde ösüp oturan çöp-çalamlardan çöpleşdirip getirdi. Atamgyzy oňa has ulurak, agaçlyrak odunlaryň gerekdigini düşündirdi.

Şondan soň birmeýdan Aýuwyň işi odun daşamak boldy. Ol getirip ýetişse Atamgyzam gowagyň bir çetinden rejeläp ördi. "Baýlygy" köpeltdigisaýam Aýuwyň nebsi artdy. Beýgelip barýanyny görüp begendi.

Gyşyň soňuna çenli Atamgyzyň aýagy mazaly agraldy. Oturyp-turmasy kynaldy. Ýaz çykyp, daglardan akgynly silleriň gelmegi, agaçlaryň gülläp, şahalarda guşlaryň "çah-çah" urmagy bilenem gowagyň içinden goşa "jägildi" eşidildi. Atamgyzy sal-sal bolan ýalňyz, elwan köýnegi, bir pursatda dünýä inen iki çaganyň hersiniň daşyny ýekeje gezek çolamaga zordan ýetdi.

Gowagyň daşyndan daş bekläp, uzynly gününi ylgap geçirýän Aýuw, indi gyzyl tapan gul ýaly çagalarynyň daşyndan aýrylmady. Haçan görseň bulanjyrap gapdallaryny aldy ýatdy. Gidäýsede gaty daşa gitmedi. Şonuň üçinmi ýa Atamgyzy çagalaryny taşlap gaçybilmez öýtdümi soňabaka gowagyň agzyny ýapmasynam goýdy.

Bu ýagdaý Atamgyza-da kem ýaramady. Ol indi her gün, islän wagty daş çykyp ýuwa, ýelmik, kömelek çöpleýär. Gowakdan welin daşlaşybilenok. Sähelçe daşalşdygy göwsünden süýt akyp başlaýar. Çagalaryň sesi gowakdan çykyp dik asmana göterilýär. Ine, onsoň ol bialaç yzyna dolanmaly bolýar. Gelip çagalaryny gezek-gezegine emdirýär. Her gezek sokjap-sokajp emenlerinde olara bolan söýgüsi artýar, mährine-mähir goşulýar. Bar sen gidiber, diýiläýende-de indi özüniň bulary taşlap hiç ýana gidip bilmejegine-de düşünýär. Hamala kimdir biri olary elinden alyp barýan ýaly çagalaryny ýeke-ýeke bagryna basýar. Gaýta-gaýta ogşaýar. Aýuw kimin betgelşik zatdan şeýle eýjejik çagalaryň önäýşine geň galýar. Gijelerine Aýuwyň ýanyna baryp oňa siňe-siňe syn edýär. Onuň hakykatdanam adamzat neslidigine ynanasy gelýär. Onuň keşbinden hakyky adamlara mahsus bolan meňzeşlikleri gözleýär. Ýene-de çagalarynyň ýanyna gelip olaryň üstüne göwüslerini gerýärde: “Ýok, bular meniňki! Meň çagajyklarym! Aýuwyň bulara dahyly ýok! Bular maňa meňzäpdirler!” diýip pyşyrdaýar. Aýuwyň awlap gelýän haýwanlarynyň derisini, ýüňüni ýygnaýar. Tüýtýär, saýýar, öz ýasan ýöntemje daragy bilen daraýar, igi bilen egirýär. Egiren ýüplerinden örüp, dokap özüne, çagalaryna eşik tikinse, gaty derileri düşek edinýär.

Ol gowagyň içinde iki sany sallançagam ýasady. Agaç dikip ýüňden ýüp işip, agaçlara baglady. Hanasyny deriden tutdy. Bag dakdy. Baglaryň hersini bir aýagynyň başam barmagyna orap, yrap oturşyna daglary ýaňlandyryp hüwdi aýtdy. Hüwdem elbetde, oba, il-gün, dogan-garyndaş, zalym aýralyk barada boldy. Söýerlerinden biriniň gelip özüne hossar çykaryny, Aýuwy öldürip, çagalary bilen özüni alyp giderini diledi. Her hüwdüniň soňundanam: “Uçup baraý diýsem ganatym ýok, ýöräp baraý diýsem deramatym ýok, bu gara beladan gutularym ýok, bu ikijigini taşlap gidere dözerim ýok, göterip gollar aşaýyn diýsem, gollarymda ysgyn ýok”, diýip nalady. Öz ýanyndan oguljyklaryna at goýdy. Birine Ümürduman, beýlekisine Sopydiger, diýdi. Diş çykansoň çagalaryna guş etini iýdirer ýaly Aýuwa ýaý ýasap berdi. Tözüni çig deriniň tasmasyndan besläp çygar-çybyklaryň gönülerinden “ok” ýasady. Ujuna ujy ýiti owunjak daşlardan peýkam oturdyp berk daňdy. Ojakdaky kömür, aw etleriniň gany bilen diwaryň ýüzüne guşuň, haýwanlaryň suratyny çekip, nyşana ýasady. Atyp görkezdi. Ok, ýaý, diwardaky suratlar Aýuwa diýseň ýarady. Şonuň üçinem täze hünärine ol iňňän basym öwrenişdi. Ökdeledi.

Atamgyzyňam öz “hojalygyna” bolan höwesi artyp başlady. Ol telperräk, tegelek daşlaryň içini köwüp, daşyny ýylmap iki sany okara ýasady. Barybir bizi günümize goýmaz, diýip birini Aýuwa, beýlekisini çagalary bilen özüne niýetledi. Bir özi aramyzda “salpysyny” sallap ýörmesin diýip, uýat ýerlerini ýapar ýaly kelteräk balagam geýdirdi.

Bir günem şu ýere geleli bäri ilkinji gezek gopuzy ýadyna düşdi-de hasyr-husur elini boýnuna ýetirdi. Alyp içgin-içgin synlady. Şu çaka çenli onuň döwülmän-ýenjilmän durandygyna geň galdy. Birazajyk dili gyşarypdyr,onam dessine düzetdi.

Bagryna basdy. Dodagyna ýetirdi. Dişleriniň arasyna salyp, sag eliniň süýem barmagy bilen diline kakdy. “Bra-u-u-u-uw, bra-u-u-uw-w, bry-u-u-w...”

Mylaýym owaz tutuş, daglara ýaýrady. Jülgelere doldy. Sil suwy kimin böreň-böreň akdy-da, birdenem asmana göterildi. Barybam lemmer ýasap alyslara barýan ak bulutlaryň tüýjümek tellerinden aslyşdy. Soň ýene-de aşak düşdi. Gyşdan bäri guzaý ýerde ýanbaşyny ýere berip ýatan ýarymgöwün garlary pagyş-para eretdi. Ol owazyň humaryna asmandan nur ýagdy, ýer bolsa minewwer eçildi. Jümle-jahan jümmüş eýläp, gursagynda gyzyl läleler göründi.

Hä diýmänem Ümürduman bilen Sopydiger ikisi dillerini çeýneşip başladylar.

Atamgyzy olary ojagyň başynda oturdyp, barmagy bilen özüni görkezdi.

—Ene-e...

Muny çagalaryň hersi özüçe gaýtalady.

—En-ne-e...

—In-ne-e...

Atamgyzy Ümürdumana elini uzatdy.

—Ümürduman...

Bu gezek Ümürdumanyň bir özi peltekledi.

—Ümmüdümme-e...

Atamgyzy barmagyny Sopydigeriň kükregine degirdi.

—Sopbydiger...

—Sopbydigeriň gaýtalaýşy Ümürdumanyňkydanam ýöntem boldy.

—Sopbydipbe-e...

Aý aýdyň gijeleriň birinde Atamgyzy çagalaryny daşaryk çykardy-da, elini asmana uzatdy.

—A-aý...

Çagalaryň kümüşsow sesi daglaryň salkyn jülgelerine ýaň saldy.

—A-a-aý-ý...

Ir bilen çagalaryny ýene-de şol ýere eltdi-de, dogup gelýän Güni görkezdi.

—Gün-n...

Çagalarynyň sesi güňleç ýaňlandy.

—Güň-ň...

Atamgyzy çagalaryna näme öwretse Aýuwam şol sözi gaýtalady ýördi.

Ümürduman bilen Sopydugeriň otuz ikisi kemsiz kemala gelenden soň bolsa, Atamgyzy duzuň gözlegine çykdy. Çünki, onuň düşünşine görä, olara duzsuz tagam bermeli däldi. Enesi şeý diýip öwredýärdi. Elmaýyş ene hatda ýatakdaky goýunlaryna-da mahal-mahal duz ýaladýardy. Yns-jyns duzy ýeterlik bolmasa bedeni bekemez, bedeni bekesede beýnisi bekemez, diýýärdi. Dagda bolsa hökman duz bolaýmalydy. Jahangir dagy duz diýip, ýöne ýere daga gaýdýan däldirler ahyry.

“Yhlasa-myrat” diýleni. Ahyram bir gün ol durşuna şor-kebir bolup ýatan ullakan oýuň üstünden bardy. Gyrasynda oturyp ak topraga barmagyny batyrdy. Diline degirdi. Şor topragyň ajymtyk tagamy ýüzüni=gözüni gamaşdyrdy. Şondan soň ol toprakdan bir gysym aldy-da, gowaga tarap gaýtdy. Kaksytmak üçin çybyga düzüp goýan etlerinden bir bölegini alyp “duzlady”. Çişe düzüp oda tutdy.. Bişensoň dadyp gördi. Tagamy öňkülerine görä has üýtgeşik degdi. Dyzyna münüp, galkyjaklaşypjyk oturan çagalaryna-da ýolup-ýolup iýdirdi.

Şol günüň ertesi ol eline okarasyny alyp düýnki duzly oýa, duz getirmäne gitdi.

Daşdan seredeniňde ak garyň astynda galan meýdana meňzeş bu kölüň içinde diş synçgara çöp ýok. Dag gerişleriniň arasynda aýratyn bir oýtum bolup ýatyr. Ýagny, giden bir çöketlik. Üstünden o ýan, bu ýan ötülýän borly, içine girmek üçin ýörüte edilen ýaly, bir çetde telperje güzerem bar.

Gyzyň "duzy" oýuň ortarasyndan iriräklerinden alasy geldi. Şonuň üçinem ol güzerden aşak indi-de, oýuň has kebirräk görünýän ýerine tarap ýöneldi. Edil şol wagtam gulagyna agymy, nämemi, her hili sesler eşidilip başlady. Aýdym-sazyň owazam salgym atan ýaly boldy. Yzyndanam at kişňedi, sygyr molady, kimdir biri Atamgyzyň adyny tutuş gygyrdy, garaz, bar zat garym-gatym, buýr-bulaşyk boldy.
Birdenem iki ädim öňünde giden bir obalyk peýda boldy duruberdi. Ýöne, ol oba onuň ömründe gören obasy däl. Adamlaram nätanyş. Üstesine bir öýüň işiginde-hä toý bolup dur, edil gabat garşysynda-da ýas. Ýasdakylaryň, toýdakylardan, toýdakylaryň ýasdakylardan habary ýok. Her kim garabaşynagaý.

Gyz bu hala haýran bolup ep-esli durdy-da, nämeüçindir toýa däl-de, aglaşyp oturan aýallaryň, gyz-gelinleriň arasyna bardy. Birdenem özüniň ýarym-ýalaňaçdygy ýadyna düşdi-de, endamyny elleri bilen ýapjak boldy. Barybir özüne hiç kimiň üns bermeýändigini bilibem goýbolsun etdi. Dogrudanam oňa barmysyňam, geldiňmem, gitdiňmem diýmediler. Hal-ahwalam soraşmadylar. Salamlaşmadylaram. Salam bersede almadylar. Gyz bu ýagdaýa diýseň geň galdy. Gaty gördi. Başda beýle eleşan halda olara görünmäge çekinen bolsa, indi özüniň barlygyny äşgär edibilmän kösendi. Ýeldirilip barýan ýaşyl kürteli bir gelniň öňünden çykyp ýeňinden çekdi. Çekine-çekine elindäki okarasyny görkezdi.

—A gy-yz! Azajyk duz berseňizläň, menem ynha, ho ýerde ýaşaýan. Şu golaýda... Goňşyňyz... Meňňem öz öýüm bar... – diýdi. Emma o gelin ýeňini çekip aldy-da, göwni bir ýaly eginlerini ýaýkyldadyp geçdi ötägitdi. Horoşaja gara öýüň gapdalynda donuny çöwre bürenip, hamyr ýugrup oturan garryny Atamgyzy öz enesidir öýtdi. Bir bökende ýanyna bardy. Öňüne geçip ýüzüne jiňkerildi. Görse hakykatdanam şol. Atamgyzy okarasynam bir gyra taşlady-da:

—Ene-e! Ene ja-an! ..- diýip garrynyň boýnundan aslyşdy. – Sen nämeüçin beýdip otyrsyň? Asylha bu ýerde nämişläp ýörsüň? Saglykmy özi? Hany, agam nirede? Ýa şol, duza diýip gidişimi? ...Wiý gaýdyşymy? —Atamgyzy eli bilen töweregini sermeledi. —Menem-ä duz diýip gelipdim... Hany, okaram bardyla ýaňy şu ýerde...Ene, meň okaramy görmediňmi? Hä? Daş okara. Ýa sen meni henizem tanaňokmy? Sen nämeüçin meni tanaňok, ene!...

Garry welin gabagynam galdyrmady. Gaýtam, siltenjiräp ýerinden turdy-da, içi hamyrly kersenini ýanbaşyna alyp zym-zyýat boldy. Atamgyzy onuň nirä gideninem aňşyrmady. Şondan soň ol daş-töweregine el serip:

—E-eý, adamlar! Il-gün! Siz nämeüçin meni tanaňzok? Nämeüçin meni göreňzok? Men sizi görýän ahyry! Menem ine, siziň araňyzda bar ahyry!.. – diýdi. Saklanyp bilmänem aglady. Ýer dyrmap, başyndan gum sowrup, saçyny ýolup, ýüzüni ýyrtyp aglady. Şol wagt Atamgyzyň gulagyna enesiniň: "Atamgyzy! Atamgyzy! Näm bolýa gyzym? Ýa aglaýaňmy?" diýen sesi gelen ýalam boldy. Emma barybir gözüne görnen zat bolmady.

Birdenem gulagyna Ümürduman bilen Sopydigeriň aglaşýan sesi geldi-de, göwsünden süýt akyp başlady. Ol ýerinden turdy. Gapdalda ýatan okarasyny garbap aldy. “Ine, bar eken-ä...” diýip, ysgynsyz seslendi. Hamala şeýtmese biri yzyndan ýetip saklaýjak ýaly, güýjünde baryny edip, ses çykan tarapa ylgady. Gözüne görünmesede, aýaklary ony göni öňki inen gözeriniň üstünden eltdi. Ädimleriniň agyr göçümlerinden çen tutup, güzerden ýokary çykyp barýanyny aňdy. Kem-kemdenem bar zat dumana duwlanyp gözden ýitmek bilen boldy. Gaýmalaşyp ýören adamlar salgyma öwrüldiler. Hemme zat howada eredi. Sesler daşlaşdy. Raýyşa çykdam welin, oýuň içi edil öňküsi ýaly kebir şor meýdana öwrüldi duruberdi. Hatda, ak gaýmagyň ýüzünde özüniňkiden başga aýak yzam görünmedi.

Atamgyzy erbet gorkdy. Bolan wakany akylyna sygdyrybilmän galpyldap durşuna usullyk bilen aşak çökdi. Bar zady täzeden synap görmek isledi. Şonuň üçinem, usullyk bilen ýerinden turdy-da, howlukman güzerden indi. Aşakladygysaýy ýene-de gulagyna öňki sesler eşidilip, oýuň içindäki nämälim oba salgym atyp ugrady. Ädimsaýam salgymlar aýdyňlaşdy. Yza çekildigem bar zat ýitmek bilen boldy. Ol hatda syrly dünýä bilen öz duran dünýäsiniň aralygyndaky serhedem tapdy. Şol ýerde durup bir aýagyny öňe ätse-hä oýuň sudury atyp, şowhuny köpelip başlady, yza çekdigem tapba kesildi. Aralygy saklasa-da, birhili, güňleç, “hüňňüldi” eşidildi durdy.

Göwsünden akýan süýdüň has güýjerlänini duýubam, Atamgyzy güýjünde baryny edip gowaga tarap ylgady. Ep-esli ýere baransoň ýene-de saklandy. Elindäki okara seretdi. Şu ýere nämüçin gelendigi ýaňy ýadyna düşen ýaly, “hyrra” yzyna öwrüldi. Güzerden ylgap indi-de gulagyna üýtgeşik sesler gelip-gelmänkä, bir goşawuç gum gatyşykly duzy okarasyna gapgardy we hasyr-husur yzyna dolandy. Bir durmanam içinde ot ýanyp duran ojagynyň gapysyndan ätledi. Omadaklaşyp öňünden çykan çagalaryny garbap alyp bagryna basdy.

Olar indi dört baş: Atamgyzy, Aýuw, Ümürduman, Sopygider. Tutuş bir maşgala.

Atamgyzy olara duzlanan etden şara, kebap, çişlik bişirip berýär. Aýuw gije-gündiz çagalary bilen başagaý. Tutda-bas. Olaram onuň üstünden düşenoklar. Gykylyklary asmana göterilýär. Ýüp egrip oturan Atamgyzy olara tarap käte bir nazaryny aýlap oturşyna, çagajyklarynyň kemsiz kemala gelip, özüni öz elleri bilen öýüne eltip gaýtjak günlerini göz öňüne getirjek bolup dyrjaşýar. Ol ýyllary alys görüp uludan demini alýar. Şulardan jydalykda geçjek günlerini ýatlap bolsa gamlanýar. Bu, keremli daglaryň bilinde önüp-ösen erkana çagalaryň goh-galmagally, gybat-gürrüňli, günüň-gününe bir çetinde toý, bir çetinde “waý” bolup duran dar oba sygmajakdyklaryna berk ynanýar. Şolar ýalyda nämüçindir onuň ýadyna enesiniň Aýuw hakda aýdyp beren başga bir hekaýaty düşýär.

Ir döwürler Köwli obadan bir gyzy Aýuw alyp gaýdypdyr. Getiribem edil, şunuňky ýaly berk gowakda saklapdyr. Aýdyşlaryna görä, onuňam islegi çaga ekeni. Çagasy bolansoň goýberjek ekenimi ýa ýok, onçasy belli däl, ýöne, bir gün aw awlap ýörkä gaýadan uçupdyr-da, Aýuwyň endamyna agyr ýaralar düşüpdir. Süňkleri döwlüpdir. Süýrenip özüni zordan gowaga atypdyr. Men indi bu ýaralardan gutulman, sen obaňyza gaýdyber”, diýip gyza rugsat beripdir. Öň maý tapsa gaçara pursat peýläp ýören gyzyň welin ony bu agyr halda taşlap gidere ynsaby çatmandyr.

Şunça wagtlap bir gowakdan girip çykdym, bir lukma çig eti bile çekeleşdim, gitsemem amanadyny tabşyranyny gözüm bilen görüp onsoň gideýin, bar zady Hudaýddan görýän, nesibämden görýän, görjegim görgi bolsa Aýuwdan beterinede sataşardym, diýipdir. Aýuw: “Gutulsam-a goýbermen, gowusy agzymdan söz sypan wagty gaýt”, diýse-de, etmändir. Gaýtam her hili ot-çöplerden döwüp-ýenjip, däri-dermanlar ýasapdyr. Em edipdir. Emma birnäçe gün dert çekip ýatandan soň Aýuw barybir jan beripdir.

Öň mähri gidipmi, soň mähri gidipmi, ýa onuň soňky merdana sözleri ýüregini gobsundyrypmy, ýa olaryň hiç birem däl-de, adamkärçilik orta düşüpdirmi, garaz, gyz muňa erbet gynanypdyr. Demsiz – düýtsiz ýatan Aýuwyň mähnet kellesini dyzynyň üstüne goýupdyr-da:

—Kese-küse kelläňe,
Keşdeli tahýa tikjekdim,
Egri-bugry aýagyňa,
Keşdeli balak tikjekdim,

—diýip, aglapdyr. Obanyň çetinden girende-de, adamsy ölüp dul galan gelin ýaly ulili bilen aglap giripdir. Bosagasyna maňlaýyny goýup, bagryny paralapdyr, ýüzüni ýyrtyp, saçlaryny ýaýypdyr. Telim ýyllap obanyň men diýen ýigitlerini ret edipdir.

Her gezek şu hekaýaty eşidende, Atamgyzy adam çagasynyň Aýuw durmuşyna nädip öwrenşip bilşi, barada oýlanýardy. Geň galýardy. Ony mümkin däl zat hasap edýärdi. Her gezegem gaşjagazlaryny çytyp garaçyny bilen: “Ene, şo zatlar çynmyka ýa berbesmikä?...” diýip soraýardy. Elmeýyş ene bolsa endigine görä “kih-kih” gülüp: “Näbileýindä gyzym, menem eşidýänjämi aýdýan...” diýýärdi.

Adam çagasynyň Aýuw durmuşyna öwrenişip biljekdigine Atangyzy henizem ynananok. Bir ýyl bäri bir gowakdan girip-çykýanam bolsa, onuň bilen önüp-ösüp, iki esse köpelenem bolsa, ol durmuşa kaýyl bolanok. Ýöne, näalaç. Çünki, şu döwrüň içinde ol bu beladan gaçybam gutulyp bilmedi, ölübem. Öldürip gutulaýyn diýse o-da bolmady. Indem ol çagalaryny ösdürip ýetişdirmeli, kemala getirmeli, soňam olaryň hut öz elleri bilen oba eltip gaýdaryna bil baglamaly. Başga ýol ýok.

Gowagyň o çetinden okdurylyp gelip üstüne zyňan çagalarynyň “wagyrdysy” käte Atamgyzyny agyr oýlardan açýar. Ol çagalaryna bakyp uludan dem alýar-da, pişgesini süýüp, ikjagazyny pyrlap goýberýär. Sopygider bilen Ümürduman ikijigi bolsa, şondan soň ylgap daş çykýarlar-da, darajyk düşelge bilen aşaklygyna tarap şakyrdaşyp gaýdýarlar. Atamgyzam igini bir gyra taşlap, gowagyň agzyna gelýär. Elini agzyna penalap çagalarynyň yzyndan gygyrýar:

—Aýu-uw-w... Ümürdumanjanu-u-uw-w!!! Sopygiderjanu-u-uw-ww!!!.. häzirjek boluňu-u-uw-w!!!... Ýykylaýmaňu-u-uw!!!...

Şol wagt onuň aňyrsyndan Aýuwňam göwresi görnüp gidýär. O-da elini agzyna eltip öz ýanyndan çagalaryna bir zatlar diýýär-de, yzyndanam edil Atamgyzyň edişi ýaly:

U-uw-w... u-u-uw...Aýu-u-uw!.. – diýip gygyrýar.

Ümürduman bilen Sopygider bolsa gowaga tarap käte bir göz aýlaýarlar-da, ýene-de aňyrlygyna tarap bökjekleşip gidýärler. Olar diňe sag-aman aşak düşüp, jülgedäki ir-iýmişli agaçlaryň arasyna sümenlerinden soň Atamgyzy gowagyň

agzyndan aýrylýar. Aýuwam aýrylýar. Gowakda Aýuw bilen ikiçäk galandan soň Atamgyzyny ýene-de gam-gussa gaplap alýar. Enesiniň başga bir hekaýatyndaky Käbil atly adamyň Aýuwa “ýesir” düşüşini, onuň Aýuwa aýak-aldygyna ýüň, çöpür daşadyp ummasyz uzynlykda ýüp işişini we: Me, şuň bir ujyny meni alyp gaýdan öýüň gapysyna daňyp gel, diýip, Aýuwy oba iberişini, obadaşlarynyňam şol ýüpi yzarlap gowaga gelişlerini we Käbili halas edişlerini ýatlaýar. Ýok, ol bolup biljek zat däl, oba nire, dag nire, onça ýüp nire, zat nire, —diýip, içini gepledýär. —O-ol, haly dokap, ýüzüne öz bolýan ýeriniň salgysyny salyp, onam Aýuwdan oba iberip gutulýan gyzyňkam ertekiden başga hiç zat däl. O zatlaryň hemmesi hyýal. Berbes. Meni diňe çagajyklarym halas eder...”

Atamgyzy şonda, sag-salamat ýigit çykyp, özüni oba eltip gaýdansoňlar, Ümürduman bilen Sopydigeriň neneňsi güzeranda ýaşajaklary barada hem oýlanýar. Üç sallahyň bir ojagyň başynda başlaryny sallap otурşy göz öňüne gelende hasam gyýylýar. Çagalarynyň nädip öýlenjekdikleri baradaky pikir ony hasam ynjalyksyzlandyrýar. “...Men-ä o ýerde bolsam, bularam bu ýerde galsalar... Kim bularyň ugruna çykyp... Ýa bularam atalary ýaly... Hm-m...Howwa, howwa, hut şeýle bolar. Onsoň oba adamlary bulara-da Aýuw diýerler. Aslynda şu Aýuwam biziň obaň adamlarynyň ýa aýallarynyň neslinden bolaýmnasyn. Bularyň aýlap-öwrüp Köwli obasyna baryp durmaklaram ganlarynda garyndaşlyk gatnaşygynyň bardygy sebäpli bolaýmasyn? Eger şeýle bolsa, onda bular bilen aňrymyz bir bolýa-da...” Hemmämizem bir obadan, ýöne, ykballarymyz aýry bolýa-da... Dogry ... Ýöne, men Ümürduman janam, Sopydiger janam ogryn öýlendirmen, Aýuw äkitdem diýdirmen, saýlap-seçip, dogryn öýlendirerin. Hemmämiziň aslymyzyň birdigini oba adamlaryna düşündirerin...garyndaşlygy täzeläliň diýerin. Ýog-a diýmezler. Hudaýa şükür çagalarym dil bilýäler, gepe düşünýärler... Görk-görmeklerem hiç kimiň çagasynyňkydan kem däl.

...Bir gün Ümürduman bilen Sopydiger ikisi oýnamaga gitdiler-de, wagty bilen dolanyp gelmediler. Atamgyzy olaryň gözlegine çykdy. Emma bolup biläýjek ýerlerinden tapmady. Miweli agaçlaryň arasyndanam, çeşmäniň boýundanam tapmady. Dagyň çür başyna çykyp:

—Aýu-u-w, Ümürdumanjanu-u-uw-w!!! Sopygiderjanu-u-uw-ww!!!.. – diýip, gygyrybam gördi. Daglara ýaň düşdi, jülgeler sarsdy, gaýalar Atamgyzyň sözlerini telim ýola gaýtalady, emma ne Ümürdumandan, ne Sopydigerden hiç hili jogap bolmady.

Atamgyzy ýene-de gygyrdy. Bu gezegem onuň sesine ýylçyr gaýalardan başga jogap gaýtaran bolmady.

Şeýdip barşyna ol “duzly oýa” golaýlaşdy. Şol tarapdan çagalarynyň sesem gelen ýaly boldy. Durup diň saldy. Dogrudanam şeýle. Şolar. Biri bir zatlar diýip “wüjürdeýär”, beýlekisem “jykyr-jykyr” gülýär. Ugursyz-utgasyz ötegçi şemal olaryň sesini bir golaýlaşdyrýar, bir daşlaşdyrýar. Atamgyzy “Hi-iýh” edip içini çekdi-de, ylgap pese indi. Aýlaw-aýlaw jülgeleriň içi bilen ses çykýan tarapa tutdurdy. Sesiň albaýy ony hakykatdanam “duzly oýuň” dik-depesinden eltdi. Görse çagalary oýuň ortarasynda depelerinden gum sowruşyp otyrlar. Özlerem dünýeden bihabar.

Atamgyzy: “Wah, gara bagtym!” diýip, kükregine urdy-da, “şaglap” güzerden indi. Inişi ýalam çagajyklaryny gözden ýitirdi. Gulagyna ýene-de öňki sesler eşidilip

başlady. Ýene-de şol öňki nätanyş oba, geň-taň adamlar, toý, şowhun, şagalaň, ýas, agy. Giden bir erewde-berewlik. Zir-zöwrançylyk. Atamgyzy ýene-de olaryň arasynda elewräp başlady.

—Adamlar! Iki sany çagajygy görmediňizmi? Aýuw, doganlar, meň çagajyklarymy görmediňizmi? Olar ýap-ýaňyja-da ynha şujagaz ýerde oýnaşyp otyrdylar...

Ýene-de şol sowuklyk. Şol öňki biparhlyk. Hiç kim onuň sözünem diňlänok. Ýüzüne-de seredenok. Hatda henizem aýak-aldygyna hamyr ýugrup oturan enesiniňeň şol bir bolşy. Gaýtam kimdir biri: "Wiý, bu gyz "aýuw" diýip gepleýä welin ýa Aýuw dagymyka?" diýip, ýakymsyz güldi. Atamgyzy ony juda ýokuş gördi. Jogabyny bermek üçin töweregine göz aýlady welin, gözüne adam ilmedi. Eli bilen howany sermeledi, emma elinede ilen zat bolmady. Gulagyna-da düňle dünýäniň "hüňňüldisinden" başga hiç zat eşidilmedi. "Men Aýuw däl, kim maňa Aýuw diýýän bolsa şoň özi Aýuwdyr... – diýip, pyşyrdanda dodaklary kemiş-kemiş etdi. – Onsoňam... Onsoňam... Aýuwam adam... Olam adamdan azan... Aňrymyz bir... Aýuw diýip, beýleki diýip... Men ...Men..." oňa çenli onuň daşy ýene-de aýal-erkek, uly-kiçi, birgiden adamdan doldy. Özlerem birsellem Atamgyza seretdiler-seretdilerde, birdenem gülüp goýberdiler. Yzyndanam aglaşdylar. Sopydiger bilen Ümürdumanyň agysam olaryň agysyna goşuldy. Haýsy tarapdan gelýäni welin bildirmedi. Beýläk owsunsa eýlesinden, eýläk owsunsa beýlesinden gelýän ýaly boldy durdy. Ahyram oýdan ylgap çykdy-da, dik duran ýerinde diň-gögüne garady, iki elinem agzyna eltdi.

—Aýu-u-uw,Ümürdumanjanu-u-uw!!! Sopygiderjanu-u-uw-!!!.

Çagalar bir diňşirgenen ýalam etdiler-de, ýene-de öz oýunlary bilen boluberdiler.

Atamgyzy ýene-de özüni duzly oýa urdy. Girişi ýalam ýitirim boldy. Diňe sesi eşidildi.

—Ümürdumanja-an!. Sopygiderjan-an!..

Her gezek atlary tutulanda çagalar diňşirgenişdiler, töwerek-daşlaryna garanjaklaşdylar, emma ejelerini görmediler.

Atamgyzy tasap güzerden çykdy. "Has-has" edip durşuna çagalaryna tarap elini serip aglady. Ýüreginden syzdyryp:

—Ümürdumanja-an, Sopygiderjan-an!... – diýdi-de, halys rowgatdan düşen göwresini aşak goýberdi. Iki elini öňe uzadyp sessiz-üýnsiz süýndi. Ýer bagyrtlady. Ýüzi gyrpaklap ýatan ak topragyň esli ýeri gözýaşa ezilip, gara reňke boýaldy. Gözýaş bilen birlikde göwsünden süýdem akyp başlady. Süýdüň ýylymsy, ýumşak ysy burunlaryna urdumy, nämemi diňe şondan soň çagalar ejelerini gördüler we oňa tarap "omalak-da-çomalak" bolşup gaýtdylar. Biri-birinden öň ýetjek bolup howlukdylar. "Jykyrdaşdylar, wüjürdeşdiler". Atamgyzy başyny galdyrdy. Oturan ýerinden olara tarap elini serdi. Ýerinden turup gujagyny gerdi. Güzerden çykyşlary ýaly garbap alyp bagryna basdy. Ogşady. Şorlap duran elleri bilen başlaryny sypalady, barmaklary bilen buýr-bulaşyk bolup duran saçjagazlaryny darady. Hasyr-husur ýerinden turubam edil, yzyndan biri kowalap gelýän ýaly, aýagaldygyna gowaga tarap ylgady. Bu syrly, durşuna ak-kebir bolup duran duzly oýdan basymrak daşlaşasy geldi. Oýuň içindäki obany, adamlary, geň dünýäni, bir özüniň görüp,

çagalarynyň görmeýşini, şol dünýäniň hemişe ber-başagaýlykda, alasarmyk gezip ýören adamlarynyň özüne bolan düşnüksiz garaýyşlary onuň üçin gizlin syr bolup galdy. Birdenem enesiniň Jahangire "şor köl" barada eden sargydy ýadyna düşdi. "Hä-ä... dogry, dogry...şol...Şor köl. Içindäkilerem jynlar. Berkeli bagşyny oýnanam şulardyr. Bular menem oýnajak bolýandyrlar... Bu ýere gelmeli däl...gelmelem däl, çagajyklarymam ibermeli däl... Jahangir dagam enemiň aýdanyny edäge-de, şundan sowa geçäýen bolsadylar..."

Jülgäniň içi bilen özara hümürdeşip gelýän üç atly, belent dagyň çür depesinden eşidilýän çaga seslerine geň galyp at başyny çekdiler. Diňşirgenişdiler. Soň assa-ýuwaş şol tarapa ýöneldiler. Garalyşyp oturan gaba agaçlaryň, gyrymsy ösümlikleriň arasyndan geçdiler. Çeşmeden ötdüler. Gaýanyň düýbüne baryp atdan düşdüler. Telpeklerini elleri bilen tutup, dik depedäki garalyp duran deşige gaýşarylyşyp seredişdiler. Iki sany çyp-ýalaňaçja çagalaryň özara "wüjürdeşip", gowagyň içine arkaýyn girip-çykyp ýörüşlerini görüp ynanmajak boldular. Biri-birleriniň ýüzüne soragly bakyşdylar. Syrtyna içi duzly, ala çuwal bökderilgi ýadaw ýabylarynyň jylawuny gögeleräk görünýän üçünji birleriniň eline tutdurdylar-da, beýleki ikisi ýokarlygyna tarap dyrmaşyp ugradylar. Kem-kemdenem gowagyň agzyna golaýlaşdylar. Bulara gözi düşenden çagalaryň ikisem ulyilleri bilen aýylganç gygyrdylar-da, kürsäp gowaga urdular. Ýigitlerem olaryň yzysüre girdiler.

Içi çog-gyzyl közden doly daş ojagyň başynda agaç iňňe bilen gaty derini ýamap oturan Atamgyzy duýdansyz giren myhmanlary görüp "zöwwe" ýerinden galdy. Çyr-çykylyk bolşup gelýän çagalaryny garbap alyp gujagyna gysdy. Gowagyň agzynda garalyp duran daýanykly ýigide gözi düşendenem bir pursatlykça doňan ýaly bolup durdy-da:

—Waý, dogan!.. – diýip, özüni onuň üstüne zyňdy. – bi senmidiň asyl? Sen nirelerden çykdyň? Bu ýerlere nädip düşdüň? – Atamgyzy eli bilen o ýerini, bu ýerini ýapjak boldy. Emma bir ýerini ýapsa başga bir ýeri açyk galdy. Ahyram ýerde ýatan gaty derileriň birini alyp döşüne tutdy-da, doganynyň daşynda öňküsindenem beter hozanaklap başlady. – Hany, dogan, geçsene, törden otursana, ojagyň başyndajyk jaýlaşsana, ýoldaşyňa-da geç diýsene, törden otursana, ojagyň başynda döwür gurap otursaňyzla, bir hezil edip hyzmat edeýinle...Özüňem derhal enemden habar ber. Hal-ýagdaýlaryny birin-birin beýan et! Men ony...Men ony her gije ... düýşümde... Höwünem duzly oýda... Wiý-ý.. men nämeleri samrap durun-a... men.. men ýogsa-da, seň öňüňde nämejik goýsamkam-a...

Beýleki ýigit gözüni süpürip daş çykdy. Içerde iki dogan ikiçäk galdy. Jahangir uýasynyň bolup durşuna dözmän gurak-gurak ýuwdundy.

—Hemmeler sag-gurgun, jigim... Enemizem gurat... Bir kemimiz sendiň. Ine, indi senem tapyldyň... —Ol egnindäki gyrmyzy dony çykaryp uýasynyň egnine atdy.
—Hany, senem özüň hakda gürrüň ber. Başyňa nämeler düşdi, nebelalarga sataşdyň? Bu dar gowagyň içine nädip düşdüň? Bol, aýt, geple, halyňy beýan et, ahwallaryňdan sözle!

Atamgyzy iki eli bilen ýüzüni tutdy.

—Sen sorama, jan dogan...

Jahangir bir çünkde biri-birine gysmyljyraşyp oturan çagalara tarap soragly bakdy. Atamgyzy düşündi. Emma sesini çykarmady. Çagalarynyň ýanyna bardy.

Eglip ikisinem gujagyna aldy. Çagalar bir eneleriniň, birem myhman ýigidiň ýüzüne howsalaly seredişdiler. Başy ak silkme telpekli, egni ezýaka ak köýnekli, aýagy mawutdan tikilen gyýma balakly, burny jaýtaryp duran gyrmyzy ädikli daýaw ýigit ojagazlaryň gözüne öz atalary ýaly görmegeý däl-de, gorkunç göründi. Eneleriniň egnine atylan gyrmyzy donam diýseň betgelşik, gerekmejek zat bolup duýuldy.

Atamgyzy olary eltip düşekde oturtdy. Dolanyp doganynyň ýanyna geldi. Aşak bakyp dodagyny dişläp durşyna:

—Bular meniň çagalarym... – diýdi. Birdenem möňňürip goýberdi.

Jahangiriň ýüzi üýtgäp gitdi.

—Çagalarym?

—Howwa, dogan, çagalarym.

—O nähili çagalaryň?

Atamgyzy içini tutup aşak oturdy.

—Sorama-a, sorama-a... Menden hiç zat sorama, jan dogan! Derdimi gozgama, ýarama duz sepme...

Jahangirem janyndan syzdyryp özelendi.

—Soramasam bolmaz-a...Aýtmasaň bolmaz-a...Men seň agaň-a...Hossaryň-a... Saňa nämeleriň bolanyny men bilmesem bolmaz-a... Ile-güne görünmel-ä menem... Aýt, kimden horluk gördüň? Kim seniň namysyňa degdi? Kim seni bu ýerlere getirdi? Bu çagalaryň atasy kim? Bol, jogap ber! Ynsmy, jynsmy, ýa başga bir mahlukmy?

Atamgyzyň gözlerinden çykan ýaş damjalary Jahangiriň aýagynyň astyna paýrap döküldi. Ol agasynyň ýüzüne naýynjar garady.

—Meň çagalarymyň atasy, jan dogan, Aýuw.

—Aýuw?

—Howwa, dogan, Aýuw.

—Hany, ol nirede? – diýende, Jahangiriň sesi sandyrady.göwresi titir-titir etdi.

Atamgyzy birinji gezek gowagy “öýüm” diýip atlandyrdy.

—Ol bu wagt öýde ýok.

—Onda gelýänçä garaşaly. Men öňürti oň, kellesini kül maýda edip läşini dagdan togalaýyn, onsoň seni alyp gideýin.

—Ýok dogan! Beýtme! Beýtseň çagajyklaryň ýüregini ýararsyň. Ýetim goýarsyň.

Jahangir öwhüldäp dem alanda ojagyň agzyna üýşen küller tozap gitdi.

—Ýör onda seň özüňi bir alyp gideýin.

Atamgyzy az-kem böwrüni diňläp durdy-da, hamala agasy aýtmasyz bir zady aýdan ýaly allaniçiksi bolup ýüzüne çiňerildi.

—Nirä?

—Nirä bor öýdäň? Öýe! Oba! Enemiziň ýanyna!

Şu çaka çenli mähriban obasyny, hossarlaryny höwesläp ýören Atamgyzy agasynyň ýüzüne seredip durdy-durdy-da, bir ädim yza tesdi. Başyny ýaýkady.

—Ýok, dogan! Sen indi meni ýerimden gozgama. —Ol aşak çökdi-de, ýumalanypjyk ýanyna gelen çagajyklaryny bagryna basdy. Ogşady. Näbelli nokada seredip oturşyna öz-özi bilen gürleşýän ýaly dodaklaryny çalaja gymyldatdy. —Başda gelen bolsaň giderdim, dogan. Başda gaýtjak bolup özümem kän dyrjaşdym.

Telim gezek gaçdymam. Emma bolmady. Nesibe dartmady. Indi giç. Indi daş ýerden gopdy. Ýürek damarlarym bu garaňky gowaga baglandy...

Jahangir çagalara tarap elini uzatdy.

—Şulara diýýäňmi?

—Howwa dogan, şulara diýýän.

—Onda bularam äkideli?

—Ýok, dogan... —Atamgyzy ortarada köräp duran ojaga tarap eňegini ülňedi. —Bulary äkitdim-dä, bu ojagy kime taşlaýyn? Muny ýasanam, içinde ot ýakanam özüm. Şuň ody öçse men günäkär borun. Şoň üçinem sen indi maňa degme, dogan. Ýör diýme. Ýyly ýerimden gozgama...Ol ýere baransoň atasyny küýsäp aglaşsalar bujagazlara men näme jogap bereýin?..

—Aýuwdanam bir ata bolarmy?

—Beý diýme, dogan.

Jahangir ellerini serdi.

—Beý, ol ýerde saňa eneň garaşýar-a, jigim. Ol näçe wagt bäri ýoluňa göz dikip otyr, ahyr bir ýerden çykar diýip. Gördüm, gürleşdim, ýöne alyp gaýdybilmedim diýsem o maňa näme diýer?

Atamgyzy uludan demini aldy.

—Enemem – enedir, dogan. Şeýle-şeýle diýip aýtsaň ýagdaýyma düşüner, meni günäkärläp durmaz.

Jahangir erbet ynjady. Ol bir bökende gowakdan çykdy. Bolan işe haýran galyp, başyny ýaýkap, çommalyp oturan ýoldaşynyň ýanyna bardy-da, ýüzüni iki ýana sypajaklatdy.

—Ol-a birhili aklyndan  azaşan ýaly, gitjekgä diýip ýer depip dur.

Ýigidem ýerinden turdy.

—Be-e. Onda nätsekkäk?

—Zor bilen äkidäýmesek...

—Çagalary nätjek?

—Çagalary galsyn. Olaryň öz hossarlary bar ýaly. Özüňem oba baransoň şolar barada diliňi ýaraýma, düşdüňmi?

—Düşdüm.

Ýigitler ýaňadandan gowaga girdiler. Jahangir sen-men ýok, uýasynyň golundan tutup, idirdedip ugrady. Atamgyzy garşylyk görkezdi. Sypjak bolup dyzady. Bir wagtky gaçmak üçin açjak bolup agyr derde galan daşyndan indi gitmejek bolup aslyşdy. Birwagtlarky girmejek bolup aýak dirän bosagasyna indi çykmajak bolup aýlaryny diredi.

—Gara dogan goýber! Gala dogan goýber! Ojagymdan aýyrma! Çagajyklarymdan jyda düşürme! Barybir bazarym sowuldy, pudaklarym döwüldi ter güllerim süllerdi, miwelerim kişde boldy. Indi meni oba eltip üstüme köşk gurdursaňam gözüme şu gowakça görünmez! Bal berseňem zäher bolar, ýüpek geýdirseňem tenime tiken bolup dürtüler, gije-gündiz çagajyklarym gözümiň öňünden gitmez! —Atamgyzy çagajyklaryna tarap elini serdi. —Aýuwa däl, şujagazlaryma dözübilemok, gowaga däl, ojagyma dözübilemok...

Başlaryndan bir üýtgeşik apatyň inenini aňan çagajyklaram gyrmyldaşyp geldiler-de, ejelerinden aslyşdylar. Ýigitleriň aýaklaryna çolaşdylar. Ellerinden ýapyşdylar. “Enä-ä, enä-ä-ä!..” diýşip çirkin-çirkin gygyryşdylar.

Emma ýigitler olaryň “gyk-bagyna-da”, Atamgyzyň nalalaryna-da gulak asmadylar. Gowakdan süýräp çykardylar-da, hersi bir golundan tutup aşak indiler.

Atamgyzy gyssanjyna agzyny dik ýokary tutdy-da:

—Aýu-u-u-uw-w!!! – diýip gygyrdy.

Nirelerdendir bir ýerlerden Aýuwyň sesi gelen ýaly boldy. Emma ony Atamgyzyň özünden başga aňşyran bolmady. Hatda ejeleriniň yzy bilen çyr-çykylyk bolşup gelýän çagalaram aňşyrmadylar.

Atamgyzy maý tapyp, ýykyla-sürşe olara tarap gaňryldy.

—Ümürdumanjan-a-aý, Sopydigerjan-a-aý!!!..

Giň ýerde garaw görmän ösen tosun çagalaryň ýürek paralaýjy sesleri, dözmezini iň soňky ýoluna ugradýan märekäniň “jaggyldysyndanam” çasly çykdy.

—Enä-ä-ä!!!..

—Enä-ä-ä!!!..

Atamgyzy ahyram bir tärini tapyp ýigitleriň elinden sypdy-da, togarlanypjyk gelýän çagalaryna tarap ylgady. Jahangir göz açyp-ýumasy salymyň içinde atlandy-da, entäk ýapa dyrmaşyp ýetişmedik uýasynyň yzyndan ýetdi. Garbap alyp öňüne kese basdy. At üstünde hallan atyp barşyna Atamgyzy ýene-de agasyna ýalbardy.

—Goýber dogan, galaýyn! Ojagyma otlar salaýyn! Içim-bagrym üzüldi, öýkenim çişe düzüldi! Ümürdumanjandan aýryldym, dad-äý! Sopydigerjandan aýryldym boý-eý! Guzyjyklarym-a-aý, köşejiklerim-aý! Aýuw-a-aý, öýüm-aý!

Emma bu ahy-nalalaryň hiç birem sarç at münen ýigitleriň ýüregini eretmedi.

Olary bütin oba bolup garşy aldylar.

Oglunyň syrtynda ýüzüni sallap oturan gyzyň perişan halyna gözi düşenden, Elmaýyş ene “güt-güt” etdirip kükregine urdy-da, özünden gitdi.

Atamgyzy atdan syrylyp düşdi. Özüni enesiniň üstüne oklady. Ol agladymy, güldümi düşer ýaly bolmady. Gözlerinden welin dynman ýaş akdy. Eneli gyzyň agyr halyna dözübilmän, gözaýdyňa gelen beýleki aýallaram aglaşdylar. Soň ikisinem götergiläp öýe saldylar. Atamgyzyny ýuwdundyryp, geýindirip töre geçirdiler. Aşagyna tämiz düşek , gapdalyna per ýassyk taşladylar.

Jahangir bolsa obanyň ähli adamlaryny ýygnap uýasynyň şanyna toý tutdy. Toý güni tärimiň aňyrsyndan Gerçegiň berdaşly göwresi göründi. Ol gözeneklerden garap Atamgyzyny synlady. Emma Atamgyzy onuň nazaryna nazaryny çenäp bilmedi. Şo-ol, aşak bakyp içini hümletdi oturdy. Ýeke bir Gerçek bilen däl, kowum-hyşlary bilenem, joralary bilenem ibaly gürleşmedi, hal-ahwal soraşmady. Enesi bir zat sorasa-da jogap bermän, kükregine ýaplanyp aglady oturdy. Çaga sesi eşidildigem böküp ýerinden turdy. Düňküldäp daş çykdy. Keserjekläp töweregine diň saldy. Käkilleri gerdenlerine dökülip duran çagajyklaryň arasyndan Ümürdumany, Sopydigeri gözledi. Gelip ýene-de düşege geçdi. Gussalar içinde saraldy, soldy. Iýgi-içgi bilenem hoşy bolmady. Gijelerine ýatyp bilmedi. Ukusy gelmän öwran-öwran daş çykdy. Daglara tarap diň saldy. Çagajyklarynyň “gulgulasyny” eşitjek boldy. Aýuwyň obanyň çetinden giräge-de: “Atamgyzy-u-uw, çagalaryňy alu-uw!..” diýip, gygyraryna garaşdy. “Ody ýanyp durmyka ýa öçdümikä? – diýip, ojagyny ýatlady.

—Wah, özüň bolmasaň öçerl-e” , diýip, pyşyrdady. Gam-gussa welin gitdigiçe artdy. Süňňi agraýdy. Süýekleri lagşady. Garry adam ýaly “hyk-çok” edip aýak ýoluna-da zordan gidip geldi. Ýüreginde yza, bagrynda awy köpeldi. Soň-soňlar, her gije il ýatyp, it uklansoň ýorganyndan sogrulyp bir ýana sumat bolmany, daň atandan soň dolanyp gelmäni çykardy.

Bir gezegem muny agasy duýdy-da, garaba-gara yzyna düşdi.

Atamgyzy çürrüjek gara öýleriniň, pagça jaýjagazlarynyň küňreli howlylarynyň arasy bilen aýlanyp-öwrülip, obanyň çetindäki ak inişe tarap ýöneldi. Baryp üstüne dyrmaşdy. Öň gyzlar bilen üýşüp läle kakýan ýerlerine bardy. “Tar-tar” bolup dökülýän Aý şöhlesine tarap iki elinem birden uzatdy-da, barmaklary bilen kakyp goýberdi. Şöhleden kümüşsöw, şabram owaz çykdy. Atamgyzy gözlerini on dördi gijäniň şuglaly Aýyna tarap dikdi-de, kümşsöw owazyň sesine ses goşup, ýüregiňi dilip barýan pessaý, zaryn bir äheň bilen aýdyma başlady.

—Şu Aýyň ýagtysyny
Ümürdumanjanam görýändir,
Şu Aýyň ýagtysyny
Sopydigerjanam görýändir,
Aýuw idi – ärim idi,
Ýykyk idi, ýumruk idi – öýüm idi,
Aýuw-uw-w, Aýuw-uw-w,
Öýüm-uw-w, öýüm-uw-w!!!..

Jahangir edil içegesi ýolnan ýaly içini tutup aşak oturdy. Gelip, bolan işi enesine beýan etdi.

Elmaýyş ene tukat ses bilen:

—Bilýän oglum, bilýän, barsyny bilýän, - diýdi. —Sen onuň ýürek bagyny üzüpsiň. Köki bolsa daglarda galypdyr... Şol, “süýjüje duşmanlaryna”, ojagyna gowuşmasa ol indi bu ýerlerde oňup bilmez.Köňli karar tapmaz. “Zyýanyň ýarysyndan gaýtmagam bir peýda” diýipdirler. Hälem bolsa haýyr işi gaýra goýma... Nireden alan bolsaň şo ýere-de eltip gaýt.

Şol günüň ertesi, jahangir uýasyny syrtyna mündürip yzyna äkitdi. Obadaşlary Atamgyzyny gelendäkisine görä suslyk bilen, ýöne, gadyr-gymmat bilen yzyna ugratdylar. Garry aýallar, gyz-gelinler gözýaş etdiler. Ýigitler aşak bakyşyp ýuwdundylar. Uludan demlerini aldylar. Gerçek bolsa bir çete çykyp aglady. “Şol bolmasa menem munda durman” diýibem obadan çykyp gitdi.

Jahamgir gowagyň gapdalyndan geçýän çeşmäniň boýunda uýasyny atdan düşürdi. Atamgyzy aýagy ýere degenden, hoşlaşmanam unudyp, ýokarlygyna tarap ylgady. Enesiniň beren düwünçegini elinde galgadyp barşyna bir demde ýokary çykdy. Kürsäp gowaga girdi. Görse, Aýuw gowagyň töründe, iki çagasynam goltugyna gysyp, süýji ukuda ýatan ekeni. Hiç haýsyndan ses-üýn ýok. Ojak sowuk, içeri sus. Olar hatda ojak eýesiniň geleninem duýmadylar.

Atamgyzy aşak çökdi-de, çagalaryna tarap ganatlaryny gerdi.

—Ümürduman jan! Sopydiger jan!

Çagalar ýalpa gözlerini açdylar. Hasanaklaşyp ýerlerinden turdylar.

—Enä-ä-ä!!!.. – diýşip gygyryşdylar-da, togalanyp gelip Atamgyzyň gujagyna doldular.

Aýuwam “zöwwe” ýerinden galdy-da, çagalarynyň yzy bilen Atamgyza tarap ylgady. Gelşi ýalam uzyn hem tagaşyksyz gollary bilen üçüsinem birden gujaklady.

Ýap-ýaňyja, daşdan ýasalan äpet mazar ýaly sop-sowuk görünýän gowagyň içinden göterilýän şowhun Jahangiriňem gulagyna ýetdi.

Hä diýmänem gowagyň agzyndan gök tüsse çykyp ugrady.

Ýigit atynyň başyny ýuwaşlyk bilen yza öwürdi. Gaty daşlaşmanka-da, dik-depeden uýasynyň naýynjar sesi eşidildi.

—Gaýdyberdiňm-u-u, dogan!..

Jahangiriň dodaklary çalaja gymyldady.

—Gidäýin,, jigim...

Atamgyzy ýaýdan sypan ok kimin atylyp agasynyň ýanyna geldi. Atyny jylawlady. Dodaklaryny kemiş-kemiş etdirip durşuna bir zatlar diýjek boldy. Emma hernäçe owsunsa-da, bir agyzam sözläbilmedi.

Jahangir gyrmyzy ädiginiň ökjesi bilen, dor atyň böwrüne çalarak debsiledi.

—Sag, bol, jigim...

Atamgyzyň oňa: “Hoş”, diýmägede rowgaty çatmady. Hossary iki gerişden aşyp, ymykly gözden ýitendenem, etegini dişläp ýokarlygyna tarap ylgady. Kürsäp “öýüne” girdi. Enesiniň berip goýberen täzeje kilimini gübürdäp duran ojagyň başyna ýazdy. Bir gyrasynda özi oturdy. Beýleki gyrasyndan Aýuwa ýer görkezdi. Çagalarynyňam hersi bir dyzynyň üstünde oturtdy-da, gapdalynda gaýkyjaklap oturan Aýuwyň ýüzüne seretdi. Şonda Aýuw hakykatdanam adama meňzedi.